TÜRKMENISTANYŇ BILIM MINISTRLIGI

DÖWLETMÄMMET AZADY ADYNDAKY
TÜRKMEN MILLI DÜNÝÄ DILLERI INSTITUTY

Türkmenistanyň jemgyýetçilik durmuşyny öwreniş kafedrasy

# “Türkmenistanyň jemgyýetçilik durmuşyny öwreniş”

# ( F I L O S O F I Ý A )

# dersinden umumy okuwlaryň ýazgylarynyň

# T O P L U M Y

A ş g a b a t – 2010

1-nji tema.
Filosofiýa we onuň jemgyýetiň, adamyň ýaşaýyş durmuşyndaky orny we ähmiýeti

M e ý i l n a m a:

I. “Filosofiýa” okuw dersi we onuň ylym-bilimler sistemasyndaky orny. Filosofiýa we dünýägaraýyş.

II. Filosofiýanyň esasy meselesi we onuň iki tarapy *(Materializm we idealizm).*

III. “Filosofiýa” okuw dersiniň ýurdumyzyň ýokary okuw mekdeplerinde öwrenilmeginiň ähmiýeti.

IV. “Filosofiýa” kursunyň beýleki okuw dersleri bilen arabaglanyşygy.

E d e b i ý a t:

1. Türkmenistanyň Prezidenti Gurbanguly Berdimuhamedowyň Türkmenistanyň Ministrler Kabinetiniň giňişleýin mejlisinde sözlän sözi *(2009-njy ýylyň 15-nji ýanwary).* “Türkmenistan”, “Neýtralnyý Turkmenistan” gazetleri, 2009-njy ýylyň 16-njy ýanwary.
2. Türkmenistanyň Prezidenti Gurbanguly Berdimuhamedowyň Türkmenistanyň Mejlisiniň IV çagyrylyşynyň birinji maslahatynda eden çykyşy *(2009-njy ýylyň 9-njy ýanwary).* “Türkmenistan”, “Neýtralnyý Turkmenistan” gazetleri, 2009-njy ýylyň 10-njy ýanwary.
3. Türkmenistanyň Prezidenti Gurbanguly Berdimuhamedowyň türkmen halkyna Täze ýyl gutlagy. “Türkmenistan”, “Neýtralnyý Turkmenistan” gazetleri, 2009-njy ýylyň 1-nji ýanwary.
4. Gurbanguly Berdimuhamedow. Ösüşiň täze belentliklerine tarap. –Aşgabat, 2008.
5.Gurbanguly Berdimuhamedow. Ahal-teke bedewi – biziň buýsanjymyz we şöhratymyz. –Aşgabat, 2008.
6. Türkmenistanyň Prezidenti, Dünýä türkmenleriniň ynsanperwer birleşiginiň Prezidenti Gurbanguly Berdimuhamedowyň Dünýä türkmenleriniň XI maslahatynda eden çykyşy *(2008-nji ýylyň 24-nji*

*oktýabry).* “Türkmenistan”, “Neýtralnyý Türkmenistan” gazetleri, 2008-nji ýylyň 26-njy oktýabry.
7. Türkmenistanyň Halk Maslahatynyň Başlygy, Türkmenistanyň Prezidenti Gurbanguly Berdimuhamedowyň Türkmenistanyň nobatdan daşary XXI Halk Maslahatynyň mejlisinde eden çykyşy *(2008-nji ýylyň 26-njy sentýabry).* “Türkmenistan”, “Neýtralnyý Türkmenistan” gazetleri, 2008-nji ýylyň 29-njy sentýabry.
8. Gurbanguly Berdimuhamedow. Eserler ýygyndysy. –Aşgabat, 2007.
9.Türkmenistanyň Prezidenti Gurbanguly Mälikgulyýewiç Berdimuhamedow (Gysgaça terjimehal). –Aşgabat, 2007.
10. Türkmenistanyň Prezidenti Gurbanguly Berdimuhamedowyň ýurdy täzeden galkyndyrmak baradaky syýasaty. –Aşgabat, 2007.
11. Mugallym, esger, ilhalar ynsan. Berdimuhamet Annaýewiň gahrymançylykly ömür ýoly. –Aşgabat, 2008.
12. Saparmyrat Türkmenbaşy. Ruhnama. –Aşgabat., 2001.
13. Saparmyrat Türkmenbaşy. Ruhnama (Ikinji kitap). Türkmeniň ruhy beýikligi. –Aşgabat., 2004.
14.Keşikow A.N.,Aýriýans L.I. Filosofiýanyň taryhy (Okuw gollanmasy).
- Aşgabat., 1990.
15. Ataýew D., Mollakow W. Materiýa we aň. –Aşgabat., “Ylym”., 1977.
16. Dialektiki we taryhy materializm. –Aşgabat., 1975.
17. Baýramsähedow N. Gündogaryň beýik danalary. –Aşgabat., 1992.
18. Baýarow T.B., Nurlyýew J.N. Filosofiýa, onuň predmeti we jemgyýetdäki roly. –Aşgabat., 1999.
19. Спиркин А.Ф. Основы философии. -Москва., 1988.
20. История философии. I, II томах. -Москва., 1957.
21. Философский энциклопедицеский словарь. -Москва., 1983.
22. Основы философии. (Учебник для ВУЗ-ов). -Москва., 1991.
23. Философский словарь. -Москва., 1990.
24. Очерки истории философский и общественно-политической мысли в Туркменистане. –Ашхабад, 1970.
25. Чанышев А.Н. Курс лекций по древней философии. - Москва., 1981.

Filosofiýa ylmy adamyň bu dünýä, daş-töwerege bolan şahsy garaýyşlaryny, onuň aň-düşünjesiniň kemala gelşiniň tapgyrlaryny, dünýäniň tebigy ösüş kanunlaryny, adamlaryň jemgyýetde tutýan ornuny öwrenýän ylymdyr. *“Filosofiýa”* sözi gadymy grekleriň *“filoso” söýýärin* we *“sofiýa” – parasatlylyk* diýen sözlerinden gelip çykyp, ol *“parasatlylyga söýgi”* diýen manyny berýär.

Filosofiýa biziň eramyzdan öňki VI-V asyrlarda ilkidurmuş jemgyýetiniň dargaýan wagtlarynda, gadymy Gündogaryň birnäçe ýurtlarynda, Hindistanda, Hytaýda, Gresiýada we gadymy Rimde döräpdir. Filosofiýa hakyndaky ilkinji garaýyşlar, ilki bilen, görnükli filosof, alym, meşhur matematik *Pifagoryň* (biziň eramyzdan öňki, takmynan 570-500 ýý) eserlerinde we işlerinde has aýdyň ýüze çykýar. Pifagor ilki Samos adasynda ýaşaýar, soňra rehimsiz hökümdar Polikratyň syýasy garşydaşy bolany üçin Günorta Italiýadaky Kroton şäherine gidýär. Pifagor şol şäherde hem öz yzyna eýerijileriň ýapyk dini soýuzyny (birleşmesini) esaslandyrýar, olar Pifagora *“keramatly ynsan”* hökmünde uly hormat goýupdyrlar. Pifagor filosofiýa ylmynyň başlangyçlaryny derňäp, ondan üç sany filosofiki kesgitlemäni ýüze çykarypdyr:

*1. Gowy pikirlenmek;*

*2. Gowy geplemek;*

*3. Amala aşyrylýan işi gowy ýerine ýetirmek.*

*Pifagoreizm* – biziň eramyzdan öňki VI – IV asyrlarda Gadymy Gresiýada san hemme zadyň prinsipidir diýen düşünjeden ugur alýan dini-filosofik taglymat. Ol Pifagoryň adyndan gelip çykýar. Bu taglymatyň tarapdarlary dünýä akyl ýetirmek dünýäni dolandyrýan sanlara akyl ýetirmekdir diýip tassyklaýarlar. Filosofiýanyň hem esasy meselesi aňyň barlyga, umuman, ruhuň materialaýynlyga bolan gatnaşygy hakyndaky meseledir. Bu mesele filosofik ylmy-barlag işleriniň başlangyjy bolup durýar, çünki bu meseleleriň dogry çözülişi (materialistik, idealistik ýa-da dualistik) her bir filosofik taglymatynyň düýp esasyny emele getirýär. Filosofiýanyň esasy meselesiniň dogry goýulmagynda we çözülmeginde diňe bir materialaýyn ýa-da ruhy zatlaryň haýsysynyň ilkinjiligi hakyndaky mesele ýüze çykman, eýsem nämäni maddy zat, nämäni bolsa ruhy zat hasaplamak hakyndaky mesele hem öňe çykýar. Filosofiýa ylmynda gymmatlaýyn gözükmeler diýlip, ozal duýgy organlara täsir eden predmetleriň we hadysalaryň gös-göni täsir etmezden, aňda umumylaşdyrylan şöhlelenmesine düşünilýär.

Ol, esasan, adamlaryň geçmiş tejribesi, ozalky duýan we kabul eden zatlary arkaly emele gelýär.

Özüniň dünýägaraýyş häsiýetliligi bilen filosofiýa materialaýyn dünýäniň aýry-aýry oblastlaryny öwrenýän ylymlardan aýratyn tapawutlanýandyr. Her bir adamda nähili hem bolsa, bir hili dünýägaraýyş emele gelýär. Emma şol dünýägaraýşyň oýlanyşylmadyk, özi-de adamyň durmuş şertleriniň täsiri astynda özakymlaýyn emele gelen dünýägaraýyş bolmagy we köplenç hem dünýä hakyndaky biri-birine gapma-garşy gelýän dürli garaýyşlardan we düşünjelerden ybarat bolmagy mümkindir. Şu ýerde, filosofiýa ylmynda duş gelýän dünýägaraýşa kesgitleme bereliň;

*Dünýägaraýyş* – munuň özi, dünýä hakyndaky umumy garaýyşlaryň, pikirleriň bütewi bir ulgamydyr, jemidir. Dünýägaraýyş sözüň giň manysynda, daş-töweregimizi gurşap alan dünýä hakynda adamyň ähli garaýyşlarynyň (filosofik, jemgyýetçilik-syýasy, ahlak, estetiki we ş.m. garaýyşlaryň) jemini özüne birikdirýär. Her bir dünýägaraýşyň esasy özeni filosofik garaýyşlardyr. Dünýägaraýşyň baş meselesi-de filosofiýanyň esasy meselesidir. Dünýägaraýyş ylymda möhüm praktiki ähmiýete eýedir, çünki, ol adamyň daşky dünýä we hakykata bolan gatnaşygyny kesgitleýär. Ylmy dünýägaraýyş tebigatyň we jemgyýetiň obýektiw kanunlaryny açmak hem-de öňdebaryjy güýçleriň bähbidini aňlatmak bilen, progerssiw ösüşe ýardam edýär. Filosofiýa ylmynda bolsa, dünýägaraýşyň 3 görnüşi häsiýetlendirilýär:

*1. Dünýä düşünme;*

*2. Dünýäni duýma;*

*3. Dünýä gatnaşma.*

Adamlar bu dünýä hakyndaky garaýyşlaryny ilkidurmuş jemgyýetiň önümi bolan mifiki dünýägaraýşyň, dünýäni aňyň, hadysalaryň gadymdan gelýän rowaýatlaryň üsti bilen düşündirmeklige çalşypdyrlar. Bu garaýyşlar örän ýüzleýligi, biri-birinden köp ýagdaýlarda bolsa, fantastiki, hyýaly delillere esaslanýandygy bilen tapawutlanýar. Miflerde bilimiň, sungatyň we filosofiýanyň ilkinji elementleri-de, dini ynançlarda öz beýanyny tapypdyr. Emma wagtyň geçmegi bilen mifiki dünýägaraýyş hem adamzady kanagatlandyryp bilmeýär. Şeýlelikde, dünýägaraýşyň täze formalary – dini filosofiýa döreýär.

*Dini dünýägaraýyş* – munuň özi, dünýäniň dini nukdaýnazaryndan düşündirilmegidir. Onuň esasynda, dünýäde adatdan daşary güýjüň barlygyna we dünýäniň gurluşynda, adamlaryň ýaşaýyň durmuşynda

ynanç duýgusy ýatandyr. Dini dünýägaraýyş örän çylşyrymly bolup, onuň ymykly öwrenilmegi zerurdyr. Oňa dünýä we adam hakyndaky nädogry düşünjeleriň sistemasy hökmünde garamak bolmaz. Galyberse-de, din ruhy medeniýetiň aýrylmaz bir bölegi bolup durýar. Dini dünýägaraýşyň tarapdarlarynyň kesgitlemeklerine görä, dünýä özara baglanyşyklylykda, iki bölege – ýalançy, pany dünýä we baky, ebedi dünýä bölünýär.

*Filosofiki dünýägaraýyş* öz gözbaşyny mifologiýadan hem-de dinden alyp gaýdýan bolsa-da, ol mazmun taýyndan täze tipli dünýägaraýyşdyr. Ol ozaly bilen, dünýäni herekete, güýje getirýän, adamlaryň dünýägaraýşyny baýlaşdyrýan we kämilleşdirýän ugurdyr.

Filosofiýa ylmy bolsa dünýä hakyndaky garaýyşlaryň we düşünjeleriň diňe bir toplanan jemi bolman, olaryň sistemasydyr, onuň özi töwerekdäki hakykat dogrusynda belli bir nukdaýnazary düşünjeli ýöretmegiň netijesidir, belli bir prinsipleriň jemidir. Şu prinsipler elmydama belli bir jemgyýetçilik toparynyň ideologiýasyny, ýaşaýyş şertlerini we bähbitlerini aňladyp gelýär.

Filosofiýa ylmy öz ösüşiniň dürli döwürlerinde dürli-dürli meseleleri öwrenmek bilen meşgul bolup gelýär. Ilki wagtlarda filosofiýanyň öz içine alýan birnäçe meseleleriniň birentegi soňra ýörite özbaşdak ylymlar hökmünde filosofiýadan bölünip aýryldy. Emma Filosofiýa okuw predmetine düşünilişi her näçe üýtgese-de, onuň esasy meseleleri mydama dünýägaraýşyň düýpli meseleleri bolmagynda galýar. Ol meseleler biziň töweregimizdäki dünýä nämeden ybarat, ol dünýä bakymy ýa-da bir tär, usul bilen döredilipmi, dünýäde adam nähili orun tutýar, biziň aňymyz nämeden ybarat, şol aň töwregimizdäki dünýä nähili garaýar? diýen soraglara jogap berýär.

*Dünýägaraýşyň esasy meselesi* pikirlenmäniň, aňyň barlygyna, ruhuň tebigata gatnaşygy hakyndaky meseledir. Dünýäde näme ilkinji: tebigat (barlyk, materiýa) ilkinjimi ýa-da ruh (paýhas, aň, ideýa) ilkinjimi? Başga sözler bilen aýdanyňda näme nämeden öňürti bar eken: Materiýa aňdan öňürti bar ekenmi ýa-da munuň tersine, aň materiýadan öňürti bar ekenmi?! Ine, şu meseleler hem filosofiýa ylmynda hemişe gapma-garşylykly mesele bolup geldi. Ylymyň ösüş taryhynda welin görnükli filosof alymlar bu ugurda öz pikirlerini kesgitli aýtdylar hem-de olary özleriniň taglymatlarynda giňden öňe sürdüler.

Barlyk, materiýa pikirlenmäni, aňy kesgitleýärmi we onuň ähmiýetini açyp görkezýärmi?! Dünýägaraýyş her hili bolsa-da, onuň özi hökman maddy zat bilen ruhy zadyň arasyndaky gatnaşyk

hakyndaky mesele nähili hem bolsa birhili jogap bermekden ugur alýar. Bu mesele hemişe filosofiýanyň esasy meselesi bolup gelipdir we şeýle bolmagynda hem galýar. Filosofik dünýägaraýşy kesgitlemek ilki bilen şu meselä berilýän jogapdan ybaratdyr.

Esasy meseläniň çözülişine garap, filosofiki taglymatlar iki sany esasy uly ugra: *materializme we idealizme* bölünýär. Materiany ilkinji diýip ykrar eden filosoflara *materialistler* diýilýär. Materializm jemgyýetçilik aňynyň bir formasy hökmünde filosofiýa ylmy döräli bäri biri-birine garşy göreşip gelýän iki filosofik ugruň biri bolmak bilen, bu ugruň tarapdarlary obýektiw reallyk, materiýa, tebigat ilkinjidir, ebedidir, pikirlenmek, aň bolsa, materiýanyň diňe bir bölegidir, ýagny, önümidir diýip hasaplaýarlar. Bizi gurşap alan materialaýyn dünýä öz kanunlaryna görä üýtgeýär we ösýär. Entek adam, onuň aň-düşünjesi döremezinden öň hem dünýä, tebigat bolupdyr. Adamlaryň gündelik tejribesi zatlaryň, dünýäniň bize, biziň aňymyza garaşsyz ýaşaýandygy hakynda bizde ynanç döredýär. Biziň bar bolan duýgularymyz, aňymyz daşarky dünýäniň diňe suratlanmasydyr, aýdyň şöhlelenmesidir. Materialistler biziň töweregimizdäki dünýäni hiç kim döretmändir, tebigat ebedi dowam edip gelýär diýip hasap edýärler. Olar dünýäni düşündirenlerinde tebigatdan daşary güýçlere salgylanman, dünýäniň özünden ugur alýarlar. Biziň eramyzdan ençeme asyr ozal gadymy Hindistanda, Hytaýda, Gresiýada ýüze çykan materializmiň wekilleri dünýäniň materialaýyndygyny, onuň aňa garaşsyzdygyny ykrar edipdirler.

*Idealizm* – aň, düşünje, ruhy zat ilkinjidir, esas goýujydyr, materiýa, tebigat, fiziki zat bolsa, ikilenjidir, garaşlydyr, şertlendirilendir diýip tassyklaýan filosofik taglymatlaryň jemidir. Şeýlelikde, idealizm ýaşaýyş sferasynda hem, akyl ýetiriş sferasynda hem filosofiýanyň esasy meselesini – barlygyň pikirlenmä, ruhy zadyň materiýalaýyn zada bolan gatnaşygynyň meselesini çözmekde materializme gös-göni gappma-garşy durýar.

*Ideýa* – maksady aňlamaklygy, mundan beýläk-de akyl ýetirmegiň we dünýäni praktiki özgertmegiň proýeksiýasyny özünde jemleýän obýektiw hakykylyk hadysalaryna pikirlenmede düşünmegiň formasydyr. Ideýa düşünjesi baryp gadymy döwürde öňe sürlüpdir. *Demokrit* ideýa bölünmez akyl ýetirilýän formalar, atomlar diýip düşünse, gadymy grek akyldary *Platon* üçin ideýa ten aňlatmasy bolmadyk ideýal mazmun bolup, özi-de anyk zatlardan we hadysalardan

daşarda bolan hakyky obýektiw reallykdyr; bular bolsa, onuň pikirine görä, aýratyn ideal dünýäni emele getirýärmiş.

Idealistler ikä bölünýärler: *Subýektiw idealistler* adamyň aňyny ilkinji diýip hasap edýärler. Olar aňdan daşary hiç bir zat ýokdur diýip tassyklaýarlar. Subýektiw idealistler hadysalaryň obýektiw kanunalaýyklygyny inkär edýär.

*Obýektiw idealistler* adamdan daşary we adama garaşsyz ýaşaýan ruhy, ideýany ilkinji diýip hasap edýärler. Obýektiw idealistleriň tarapdarlary tebigatda belli bir tertibiň bardygyny, hadysalaryň kanunalaýyklygyny ykrar edýärler. Obýektiw idealizmiň esasy ugurlary gadymy grek akyldary *Platonyň* (b.e.öňki 427-347 ýý) filosofiýasynda özüniň ilkinji gutarnykly aňladylmasyna eýe bolupdyr. Idealizm we din filosofiýanyň esasy meselesini çözmekde hemişe pikirdeş bolupdyr. *“Filosofiýanyň taryhy” okuw dersi* “Filosofiýa” okuw dersiniň bir bölümi bolup, ol iň gadymy döwürlerden tä biziň şu günki günlerimize çenli ýaşap geçen görnükli akyldarlaryň, meşhur filosoflaryň öňe süren filosofiki pikirleriniň, taglymatlarynyň, ideýalarynyň ösüşiniň taryhyny, durmuşyň we pikirlenmäniň umumy kanunlaryny gözden geçirýän hem-de filosofiýanyň esasy meselesiniň – pikirlenmäniň durmuşa gatnaşygy hakyndaky meseläniň hem-de onuň ikinji tarapynyň – dünýä akyl ýetirerlikdigi hakyndaky meseläniň belli bir çözgüdini berýän filosofiki taglymatdyr.

Hormatly Prezidentimiz Gurbanguly Berdimuhamedowyň başda durmagynda türkmen halky ösüşiň täze tapgyryna – beýik Galkynyş we täze özgertmeler eýýamyna gadam basdy. Hormatly Prezidentimiz ýurdumyzyň geljegi bolan türkmen talyp ýaşlarynyň dünýä derejesinde ylymly-bilimli bolup ýetişmekleri üçin bu ugurda turuwbaşdan düýpli özgertmeleri durmuşa geçirip başlady. Beýik Galkynyşlar we täze özgertmeler zamanasynda Hormatly Prezidentimiziň iňňän öňdengörüjilikli we parasatly ýolbaşçylygynda ýurdumyzyň ylym-bilim ulgamynda örän uly taryhy özgertmeler amala aşyrylýar. Ýurduň ylym-bilim ulgamy dünýä derejesine laýyk edilip, kämilleşdirilýär. Döwlet baştutanymyzyň taýsyz tagallalary netijesinde 2008-2009-njy okuw ýylyndan başlap, Türkmenistanyň hemme ýokary okuw mekdepleriniň okuw meýilnamalaryna *“Türkmenistanyň jemgyýetçilik durmuşyny öwreniş”* atly täze okuw dersleriniň toplumy girizildi.

Bu okuw dersiniň ýurdumyzyň ýokary okuw mekdeplerinde öwredilmeginiň baş maksady hem beýik Galkynyşlar we täze özgertmeler zamanasynda türkmen talyp ýaşlarynyň häzirki zaman

jemgyýetiniň ösüş kanunlaryny öwrenýän ylymlar bolan hem-de onuň progressiw ähmiýetiniň nukdaýnazaryndan, filosofiýanyň, sosiologiýanyň, politologiýanyň (syýasaty öwrenişiň), ykdysady teoriýanyň kada-kanunlary bilen bir hatarda häzirki wagtda biziň ýurdumyzda amala aşyrylýan taryhy özgertmelere bagyşlanan "Türkmenistanda täze Galkynyş eýýamy" atly täze okuw derslerini hem öwrenmek bilen aňly-düşünjeli, giň dünýägaraýyşly, ylymly-bilimli, häzirki zamananyň ösen derejesinde oýlanyp-pikirlenip bilýän, intellektual ýaşlary terbiýeläp, kemala getirmekden ybaratdyr. Bu wajyp ähmiýetli, döwletli wezipeleri durmuşa geçirmeklikde "Filosofiýa" okuw dersiniň ýurdumyzyň ýokary okuw mekdeplerinde okadylmagynyň hem-de öwredilmeginiň örän uly ähmiýeti bardyr.

"Filosofiýa" okuw dersiniň öz öňünde goýýan esasy wezipeleriniň biri-de, talyplaryň bu dersi özleşdirenlerinde dünýä, jemgyýete düşünmeklik, onuň taryhy ösüşiniň proseslerine göz ýetirmek we şahsy dünýägaraýyşlaryny giňeltmeklik bilen bir hatarda, bu ylmyň ösüş taryhynda ýüze çykan birnäçe we gapma-garşylykly filosofiki pikirleri derňew edip, olardan degerli, kesgitli we özbaşdak netije çykarmakdan ybaratdyr.

"Filosofiýa" okuw dersi jemgyýetçilik dersleriniň we ylymlarynyň hemmesi: taryh, hukugy öwreniş, sosiologiýa, politologiýa (syýasaty öwreniş), ykdysady teoriýa, dünýä ykdysadyýeti, ekologiýa, pedagogika, psihologiýa, etika, estetika ýaly ylymlar bilen aýrylmaz baglanyşyklydyr we bu okuw dersleri, jemgyýetçilik ylymlary bilen baglanyşyklylykda öwrenilýär.

2-nji tema.
Barlyk hakyndaky taglymat

M e ý i l n a m a:

I. Barlyk hemme zady öz içine alýan reallyk hökmünde.

II. Materiýa. Onuň gurluşy we dowam ediş usullary.

III. Giňişlik we wagt, olaryň hereket edýän materiýa bilen özara baglanyşyklary.

IV. Filosofiýanyň esasy kategoriýalary we ähliumumy kanunlary.

E d e b i ý a t:


1. Gurbanguly Berdimuhamedow. Ösüşiň täze belentliklerine tarap. –Aşgabat, 2008.
2. Gurbanguly Berdimuhamedow. Eserler ýygyndysy. –Aşgabat, 2007.
3.Türkmenistanyň Prezidenti Gurbanguly Mälikgulyýewiç Berdimuhamedow (Gysgaça terjimehal). –Aşgabat, 2007.
4. Saparmyrat Türkmenbaşy. Ruhnama. –Aşgabat., 2001.
5. Saparmyrat Türkmenbaşy. Ruhnama (Ikinji kitap). Türkmeniň ruhy beýikligi. –Aşgabat., 2004.
6.Keşikow A.N.,Aýriýans L.I. Filosofiýanyň taryhy (Okuw gollanmasy). - Aşgabat., 1990.
7. Ataýew D., Mollakow W. Materiýa we aň. –Aşgabat., “Ylym”., 1977.
8. Dialektiki we taryhy materializm. –Aşgabat., 1975.
9. Baýarow T.B., Nurlyýew J.N. Filosofiýa, onuň predmeti we jemgyýetdäki roly. –Aşgabat., 1999.
10. Dialektiki we taryhy materializm. –Aşgabat., 1975.
11. Спиркин А.Г. Основы философии. -Москва., 1988.
12. История философии. I, II томах. -Москва., 1957.
13. Философский энциклопедический словарь. -Москва., 1983.
14. Основы философии (Учебник для ВУЗ-ов). -Москва., 1991.
15. Философский словарь. -Москва., 1990.
16. Чанышев А.Н. Курс лекции по древней философии. - М, 1981.

Filosofiýa ylmynda barlyk düşünjesi esasy orny eýeleýär. *Barlyk* – munuň özi adam aňyna garaşsyz bolan obýektiw dünýäni, jemgyýet hakynda durmuşyň materiýalaýyn proseslerini aňladýan filosofiki kategoriýadyr. Idealistler barlygy materiýadan üzňe, özbaşdak ýaşaýan zat (obýektiw idealizm), aň tarapyndan döredilýän zat (subýektiw idealizm) hasaplaýarlar. Dialektiki materializm bolsa, barlyga diňe materiýalaýyn barlyk hökmünde garaýar, materiýasyz barlygyň ýokdugyny subut edýär.

*Barlygyň* ady bilen gatnaşygy hakyndaky mesele filosofiýa ylmynyň esasy üns merkezinde durýar. Barlyk adamyň edýän işiniň ähli formalarynyň çeşmesi we şerti bolup hyzmat edýär. Barlygyň düşündirilişi çylşyrymly ösüşi başdan geçirdi. Bu ilki bilen, materiýalistik we idealistik garaýyşlaryň arasyndaky göreş hökmünde ýüze çykdy. *Barlyk* medeniýetiň, teoriýa hem praktika taýdan özleşdirilen tebigatyň dünýäsidir. Adam öňki medeniýeti özleşdirýär we özüniň döreden medeniýet predmetlerinde özüni aňladýar. Onuň aňy bolsa, barlyga gönükdirilendir, ony ideal şöhlelendirýär we döredýär. Gadymy grek akyldary, görnükli filosof *Platonyň* (b.e.öňki 427-347 ýý) pikiriçe, her bir barlygyň esasy "ýeke-täklikdir", özünem onuň her bir alamaty, bölekleri, ýagny başlangyjy we ahyry ýokdur, ol hiç hili giňişlik eýelemeýär.

*Metafizika* – barlygyň duýgudan daşgary prinsipleri hakyndaky filosofiki ylymdyr. "Metafizika" termini b.e.öňki I asyrda gadymy grek akyldary Aristoteliň filosofiýa mirasynyň onuň içki mazmun baglanyşygyna laýyklykda tertibe salynmagynyň aňladylmagy hökmünde döreýär we ol sözme-söz aýdylanda *"fizikanyň yzyndaky zat"* diýmegi aňladýar.

*Materiýa* düşünjesi filosofiýa ylmynyň esasy düşünjeleriniň biridir. Sebäbi, materiýa bilen aň düşünjeleriniň gatnaşygy (materiýa ilkinjimi ýa-da aň) filosofiýanyň esasy meselesini düzýär. Materiýa baradaky ilkinji düşünjelere esasan, gadymy Gündogaryň ýurtlarynda dörän filosofik akymlarda duş gelinýär. Gadymy materialistler materiýa diýip, anyk maddy zatlara – *suwa, howa, oda we topraga* düşünipdirler. Platon üçin materiýa diňe ideýalaryň bölekleýin işleýiş prinsipidir. Onuň pikiriçe, materiýanyň özi asla formasyzdyr, ol ýerem däldir, suw-da, howa-da däldir, umuman, hiç hili tebigat hadysasy däldir. *Platon* ideýanyň ilkinjiligini, materiýanyň bolsa, ikilenjiligini tassyklaýar. Filosofiýanyň taryhynda materiýa ilkinji filosofiki kesgitleme bermäge synanyşyk eden gadymy grek akyldary *Aristotel* (b.e.öňki 384-322 ýý)

bolupdyr. Ol dürli jisimleriň we hadysalaryň esasynda durýan umumy substrata materiýa diýip kesgitleme berýär.

XVII asyr iňlis materialisti *Frensis Bekon* (1581-1626 ýý) bütin bar zadyň ilkinji sebäbi bolan materiýa hil taýyndan köptaraplydyr. Hereket materiýanyň dogabitdi ýagdaýydyr diýen pikiri öňe sürüpdir. Meşhur iňlis materialist-filosofy *Tomas Gobbs* (1588-1679 ýý) bolsa, özüniň "Lewiafan" diýen esasy filosofiki eserinde ýalňyz bir real we filosofiýanyň ýalňyz bir predmeti diýip maddy dünýäni hasaplaýar. "Materiýa ebedilikdir, aýry-aýry jisimler bolsa, wagtlaýyndyr: ol jisimler emele gelýärler we ýok bolup gidýärler" diýip, T.Gobbs belläpdir. Materiýanyň reňk, ys, ses ýaly sypatlaryny Gobbs materiýa mahsus zatlar däl-de, biziň materiýa hakyndaky düşünjelerimiziň formalary diýip yglan edýär. Fransiýanyň iňňän uly alymy *Rene Dekart* (1596-1650 ýý) özüniň *"Metod hakynda degşirme"* diýen filosofiki eserinde materiýa we hereket hakyndaky köptaraplaýyn meselelere uly üns beripdir. Dekartyň pikiriçe, älem maddydyr we çäksizdir; materiýa bölejiklerden ybarat bolsa-da, çäksiz suratda bölünýän zatdyr; materiýanyň özünden daşarda durýan (hudaýdan başga) hiç hili güýçler ýokdur; materiýa we hereket ýok edilip bilinmeýär.

Materiýanyň ýaşaýyş usuly bolup – *hereket,* umumy ýaşaýyş formasy bolup – *giňişlik* hem-de *wagt* hyzmat edýär.

*Hereket* – materiýanyň ýaşaýyş usuly, onuň wajyp atributlaryndan biri. Herekete materiýanyň ýaşaýyş usuly hökmünde düşünmek XVIII asyrda iňlis filosofy *J.Toland,* soňra bolsa, fransuz materiýalisti *P.Golbah* tarapyndan aýdyň formulirlenilýär. Häzirki wagtda hereketiň şu aşakdaky esasy formalary ylymda görkezilýär:

*1. Hereketiň mehaniki formasy* – asmandaky we ýerdäki makrojisimleriň hereketini öz içine alýar.

*2. Hereketiň fiziki formasy* – birinjiden, ýylylyk we molekulýar kinetik hereketleri, ikinjiden, atomyň, ýadronyň içindäki elementar bölejikleriň biri-birine öwrülmek häsiýetlerini öz içine alýar.

*3. Hereketiň himiki formasy* – maddalaryň himiki reaksiýalaryny öz içine alýar.

*4. Hereketiň geologiki formasy* – daglaryň, wulkanlaryň, ýer gatlaklarynyň, planetalaryň emele gelişlerini we ösüşlerini öz içine alýar.

*5. Hereketiň biologiki formasy* – janly organizmdäki bolup geçýän dürli hereketleri öz içine alýar.

*6. Hereketiň jemgyýetçilik formalary* – jemgyýetiň emele gelmeginden başlap dürli jemgyýetdäki adamlaryň gatnaşyklaryny öz içine alýar.

Hereketiň materiýalaýynlygy bilen bir hatarda dialektiki materializm onuň obsolýutlygyny we gapma-garşylygyny hereketiň esasy häsiýetleri diýip hasap edýär.

Materiýanyň hereketi absolýut we otnositel häsiýete eýedir. Materiýanyň hemişe hereketde bolmagy hereketiň obsolýut häsiýetidir. Emma materiýanyň dürli görnüşleriniň emele gelmekleri we özaralarynda öwrülmekleri, olaryň hereketleriniň hem çalyşmagyna getirýär. Bu bolsa hereketiň otnositel häsiýetidir.

Materiýanyň hemişelik bolşy ýaly, hereket hem hemişelikdir. Sebäbi, olar biri-birinden aýrylmaz baglanyşyklydyrlar. Materiýanyň täzeden döremeýşi we ýok bolmaýşy ýaly, hereket hem täzeden döremeýär we ýok bolmaýar. Hereket düşünjesi ösüş düşünjesi bilen deňeşdireniňde has giň düşünjedir. Sebäbi ol her bir maddy jisimiň içki häsiýetlerine mahsus bolmadyk daşky we tötänleýin üýtgemeklikleri hem öz içne alýar. Şonuň üçin hem her bir hereket ösüş däldir. Ösüş jisimiň öz-özleýin hereketi bolmak bilen, ol sada zatdan çylşyrymly zada ilerleýji gönükdirilendir.

Filosofiýanyň taryhynda barlyk, materiýa we hereket hakyndaky dörän filosofiki garaýyşlar, pikirler örän köp akyldarlaryň, taglymatçylaryň eserlerinde has aýdyň görünýär. Mysal üçin, gadymy grek filosofy, eleý mekdebiniň wekili *Zenon Eleýskiý* (takmynan b.e.öňki 490-430 ýý) duýgulaýyn barlyga, zatlaryň köp dürlüligine we olaryň hereketine akyl ýetirmegi inkär etmek bilen, öz halypasy *Parmenidiň* bir bütewilik hakyndaky taglymatyny ösdürýär. Ol dünýäniň hakyky görnüşne diňe pikirlenmek arkaly düşünmek bolar diýipdir. Gadymy grek akyldary, belli filosof – materialist *Demokrit* (takmynan b.e.öňki 460-370 ýý) özüniň filosofiki garaýyşlarynda hereket daşarky bir itergi netijesinde döremän, eýsem, ol materiýanyň özüne mahsus zatdyr, hereketsiz materiýa bolmaýşy ýaly, sebäpsiz hadysa hem bolmaýar diýen pikirleri öňe sürüpdir.

Ýa-da bolmasa, ondan soňky döwürlerde arap filosofy, alym, lukman, tebigaty öwreniji *Ibn Roşd* (1126-1198 ýý) hereket hem müdimidir, hudaý hem bar, ýöne ol materiýadan ilkinji däl-de, olaryň ikisi-de birlikde ebedi ýaşaýarlar diýen pikiri öňe sürüpdir. Fransuz filosofy we matematigi *Rene Dekart* (1596-1650 ýý) özüniň 1644-njy ýylda ýazan *"Filosofiýanyň başlangyjy"* atly işinde materiany ýa-da

tensubstansiýany uzynlyk (giňişlik) bilen deň zat diýip, onuň obýektiwdigini ykrar edýär. Netijede, materiýa çäksizdir, bir kysymlydyr we çäksiz bölünmeýär diýip tassyklaýar. Ýöne bu hereketi Dekart materiýanyň özüne mahsus däl-de, daşky täsirleriň netijesi, mehaniki hadysa diýip düşündirýär.

Materiýadan üzňe bolan giňişlik we wagt bu diňe beýnide ýaşaýan boş bastraksiýadyr. Hereketlenýän materiýa hadysalaryň mazmuny bolup, giňişlik we wagt bolsa, iň ýokary orunda durýandyr, has takygy, *giňişlik we wagt* – materiýanyň ýaşamagynyň esasy formalarydyr. Giňişlik düşünjesi zatlaryň uzalyjylygyny, biri-birine garanyňda olaryň ýerleşişiniň tertibini aňladýar.

*Giňişlik* predmetleriň, hadysalaryň umumy häsiýetlerini aňladýan formasy, ölçegidir. Giňişlikden tapawutly *wagt* bolsa, predmetleriň, hadysalaryň ýaşamagynyň dowamlylygyny, yzygiderliligini aňladýar. Wagt düşünjesi filosofiýa ylmynda maddy prosesleriň ýaýbaňlanmagynyň, üýtgemeginiň we ösmeginiň yzygiderliligini aňladýar. Giňişlik çäksizdir we gutarnyksyzdyr. Giňişlikde haýsy tarapa hereket edilse-de hiç ýerde onuň çägi ýokdur.

*Çäksizlik we üznüksizlik* giňişligiň dürli häsiýetleridir. Wagt çäksizdir we gutarnyksyzdyr. Materiýasyz boşluk ýokdur. Wagt hem giňişlik ýaly üznüksizdir. Sebäbi her bir predmet we hadysa belli bir wagtda ýaşap başga bir predmete we hadysa öwrülýär. Wagtyň üznüksizligi hiç predmetiň we hadysanyň ýitip gitmän, hemişe öwrülişikde bolmagydyr. Idealistler giňişligiň we wagtyň obýektiw reallygyny inkär edýärler, olaryň aňda ýa-da aňyň netijesinde dowam edýän zat, ruhuň döreden zady diýip hasap edýärler.

Dialektiki materializm giňişligiň we wagtyň materiýadan üzňe däldigini we bölünmezdigini görkezdi. Häzirki zaman düşünjelerine we pelsepelerine görä, giňişlik üç ölçeglidir, wagt bolsa, bir ölçeglidir. Filosoflaryň köpüsi ylymda wagtyň geçmegi dolangysyzdyr diýip hasap edýärler. Beýle diýildigi her bir materialistik proses diňe bir ugra – geçmişden geljege tarap ösýär diýilgidir.

Materialaýyn dünýäniň has çylşyrymly we ýokary ösen formasy – jemgyýetçilik hadysalarydyr. Diýmek, filosofiýa ylmynda materiýa özüniň formalarynyň we görnüşleriniň köplügi we dyngysyz ösüşi bilen tükeniksiz egsilmez prosesdir. Mukdar hem-de hil gatnaşyklary boýunça materiýalaýyn dünýä biçak dürli-dürlüdir. Onda bir ýagdaýdan başga bir hala geçýän, aýratyn kanuna laýyklyklara tabyn bolan jisimleriň, hadysalaryň ençemesi bar.

Materiýanyň gutarnyksyz bolşy ýaly, onuň hereketiniň formalaryda, häsiýetleri-de gutarnyksyzdyr. Materiýa hemişe hereketdedir. Materiýasyz hereket bolup bilmez. Diňe *idealizm* materiasyz hereketiň bolýanyny ykrar edýär. Bu *dialektiki materializme* ters gelýär, çünki materiasyz hereket bar diýildigi, tebigatdan başga daşky güýç bar diýildigidir. Hereket hem absolýutdyr, hem otnositeldir. Diýmek, ol garşylyklydyr.

*Älem* – wagt we giňişlik babatynda çäksiz hem-de materiýanyň özüniň ösüş prosesinde eýe bolýan formalary boýunça tükeniksiz köp dürli bolan bütin dünýä. Älem oňa akyl ýetirýän adamyň aňyna bagly bolmadyk obýektiw barlykdyr. Materializm dünýäde bolup geçýän dürli-dürli hadysalar özara baglanyşyklydyrlar we şertlendirilendir diýip hasap edýär. Şol hadysalar giňişlikde we wagtda bolup geçýär. Materializm giňişligiň we wagtyň obýektiw real zatdygyny tassyklaýar. Älemde giňişlik we wagt boýunça materianyň paýlanyşyny, dürli asman jisimlerini hem-de asman jisimleriniň sistemasyny astronomiýanyň bölümleri öwrenýär.

Filosofiýanyň birnäçe kategoriýalary we ählumumy kanunlary bardyr. *Hil* – obýektiň barlygyndan bölüp aýryp bolmaýan, onuň düýpli kesgitliligini aňladýan filosofiki kategoriýadyr. Hil düşünjesi obýektiw dünýäniň hemme predmetleriniň, hadysalarynyň we prosesleriniň biçak möhüm tarapyny şöhlelendirýär. Bir predmeti derňänimizde ilki bilen ol predmetiň ony başga predmetlerden tapawutlandyrýan kesgitliligi gözümize ilýär. Hut şol kesgitlilik *predmetiň hilidir.* Tebigat köp dürli predmetleriň, hadysalaryň we proseslerиň birligidir. Tebigatyň şol köpdürlüligi predmetleriň arasyndaky hiliň tapawudynyň aňladylmasydyr. Hil taýdan kesgitlilik ähli jemgyýetçilik hadysalaryna hem mahsusdyr. Hili predmetleriň we hadysalaryň özüne baglanyşyksyz ýaşaýan zat diýip hasap edip bolmaz. Predmetleriň we hadysalaryň özleriniň obýektiw boluşlary ýaly, hil hem obýektiw zatdyr. Hil taýdan kesgitliligi bolmadyk zatlar we predmetler ýokdur.

Hil häsiýetler arkaly ýüze çykýar. *“Hil”* we *“häsiýet”* düşünjeleri köplenç birmeňzeş manyly düşünjeler hökmünde ulanylýan bolsa-da, olaryň arasynda tapawut bardyr. Predmetleriň hili bolsa, olaryň mukdar tarapy bilen baglanyşyklydyr. Mukdar hem predmetiň kesgitliligi hökmünde ýüze çykýar, emma hilden tapawutlanyp, ol predmeti onuň häsiýetleriniň ösüş derejesi taýdan sypatlandyrýar. Predmet öz hilini ýitirende, ol özüniň öňki bolşundan aýrylýar; diýmek hil predmetiň özi bilen aýny bir zatdyr.

*Düýp mazmun we hadysa* – dünýädäki ähli obýektleriň we prosesleriň ählumumy zerur taraplaryny aňladýan filosofik kategoriýa. Düýp mazmun maddy sistemanyň ösüşiniň esasy häsiýetlerini we tendensiýalaryny kesgitleýän baglanyşyklaryň, gatnaşyklaryň we içki kanunlaryň jemidir. Hadysa käbir düýp mazmunyň ýüze çykyşynyň we açylyşynyň formasyny görkezýän, hakykatyň daşky taraplaryny aňladýan konkret wakalardyr, sypatlardyr ýa-da proseslerdir. Düýp mazmun we hadysa biri-biri bilen üznüksiz baglanyşyklydyr. Dünýäde ýüze çykmaýan we akyl ýetirip bolmaýan düýp mazmunyň ýoklugy ýaly, özünde düýp mazmun hakynda hiç hili informasiýasy bolmadyk hadysa hem ýokdur.

Düýp mazmuna akyl ýetirmek diňe abstrakt pikirlenmäniň we öwrenilýäniň prosesiň teoriýasyny döretmekligiň esasynda mümkindir. Düýp mazmuna akyl ýetirilýän wagtynda hadysanyň daşky sypatlaryny belläp geçmek we ony suratlandyrmak ýeterlik bolman, eýsem onuň düşündirilmegi, sebäpleriniň we esaslarynyň açylmagy zerurdyr. Eger öwrenilýän obýektiň döreýşiniň sebäpleri, ösüşiniň çeşmeleri açylan bolsa, teoriýada ýa-da praktikada onuň hakyky modeli döredilen bolsa, onda şol düýp mazmuna akyl ýetirilen diýip hasaplamak bolar.

Düýp mazmunyň we hadysanyň arasynda birligiň we köpdürlüligiň dialektikasy ýüze çykýar. Şol bir düýp mazmunyň birnäçe ýüze çykyşynyň bolşy ýaly, her bir hadysa birnäçe düýp mazmuny aňladýan formada ýüze çykyp biler. Hadysa garanyňda, düýp mazmun özüniň durnuklylygy bilen tapawutlanýarlar. Ýöne tebigatyň taryhy ösüşine laýyklykda dünýädäki ähli sistemalaryň we prosesleriň düýp mazmuny hem üýtgeýär.

## 3-nji tema.
## Adam we onuň dünýädäki barlygy

### M e ý i l n a m a:

1. Adam hakynda umumy düşünje. Adamyň köpölçegliligi.

2. Adam, jemgyýet we tebigat.

3. Şahsyýet ideýasy.

<u>*Umumy okuw sapagynyň maksady:*</u> *Adam we onuň dünýädäki barlygy. Adamy gurşap alan ägirt uly dünýä, onuň ýaşaýan, hereket edýän dünýäsi we beýleki zatlar hakynda.*

### E d e b i ý a t:


1. Gurbanguly Berdimuhamedow. Ösüşiň täze belentliklerine tarap. –Aşgabat, 2008.
2. Gurbanguly Berdimuhamedow. Eserler ýygyndysy. –Aşgabat, 2007.
3.Türkmenistanyň Prezidenti Gurbanguly Mälikgulyýewiç Berdimuhamedow (Gysgaça terjimehal). –Aşgabat, 2007.
4. Saparmyrat Türkmenbaşy. Ruhnama. –Aşgabat., 2001.
5. Saparmyrat Türkmenbaşy. Ruhnama (Ikinji kitap). Türkmeniň ruhy beýikligi. –Aşgabat., 2004.
6.Keşikow A.N.,Aýriýans L.I. Filosofiýanyň taryhy (Okuw gollanmasy). - Aşgabat., 1990.
7. Ataýew D., Mollakow W. Materiýa we aň. –Aşgabat., “Ylym”., 1977.
8. История философии. I, II томах. -М.,1957.
9. Философский энциклопедический словарь. -М.,1983.
10. Основы философии. (Учебник для ВУЗ-ов). -М.,1991.
11. Философский словарь. –М.,1990.
12. Спиркин А.Г. Основы философии. -М.,1988.

*Adam* – bu zähmet gurallaryny öndürmäge ukyby bolan, olaryň kömegi bilen daşky dünýä täsir edip we ony özgerdip bilýän, çylşyrymly beýnisi, aňy hem düşnükli sözi bolan, ýerdäki janly organizmleriň ösüşiniň iň ýokary basgançagynda durýan jemgyýet jandarydyr.

Belläp geçişimiz ýaly, adam kim diýen sowala gadymy döwrüň akyldarlarynyň we alymlarynyň beren düşündirişleri şeýledir.

Irki döwürlerde birentek akyldarlaryň köpüsi adamyň tapawutly aýratynlyklaryny onuň jemgyýetçilik jandarydygy bilen düşündiripdirler. Olaryň tebigatdan bölünip adam derejesine ýetmekliginiň kesgitleýji şerti hökmünde zähmetiň çykyş edendigini belläpdirler. Zähmet diňe jemgyýetde mümkindir. Adam dil, pikirlenme, ahlak, ynsap we başgalar zähmetiň üsti bilen onuň adamlar bilen arabaglanyşyga girmekligi esasynda kemala gelýär.

Adam diňe jemgyýetde adam bolup ýetişýär. Haýwana ýaşamak üçin endik ýeterlikdir, adam üçin bolsa, bular asla ýeterlik däldir. Şonuň üçin hem adam aňy, akyly, hereketleri hakynda gysgaça düşündiriş bermek gerekdir.

Materiýasyz aň ýokdur. Dünýäniň materiýalaýynlygyny ykrar edensoň, aň näme, ol materiýa bilen nähili gatnaşykda bolýar diýen sowaly bermek tebigydyr. Pikirler inçe materiýanyň aýratyn görnüşidir diýip tassyklaýan taglymatlar pelsepäniň taryhynda bolupdyr. *Wulgar materializm* adyny alan bu ugruň pelsepeçileri bagryň öt çykaryşy ýaly, beýni hem pikir çykarýar diýen pikirleri öňe sürüpdirler.

Aň materiýa däldir. Materiýalaýyn jisimler *mehaniki, fiziki we himiki* häsiýetlere eýe bolýar. Ten duýgularynda we pikirlerde bolsa beýle häsiýetler bolmaýar. Olar predmetleriň we hakykat hadysalarynyň beýnide şöhlelenmegidir. Olar obýektiw dünýäniň subýektiw obrazlarydyr.

Akyldarlar, alymlar köp asyrlaryň dowamynda adamyň islegine we bähbitlerine itergi berýän täsir edişe, jogaby jemgyýetiň ösüşini häsiýetlendirýänligi sebäpli gözläpdirler. Eger olaryň biri iteriji güýçler hökmünde tebigy güýçleri görkezen bolsalar, beýlekisi ruhy güýçleri görkezipdirler. Psiholog alymlar adamy herekete getirýän başdan geçirmeleri öwrenýärler. Psihologiýa ylmynda bolsa, adamy herekete iteriji güýçlere aýratyn uly üns berilýär. Şeýle sebäpler hökmünde islegler, durmuşy ýörelgeler, ynançlar, bähbitler, duýgular, ýokary maksatlar çykyş edip bilýärler. Şu islegleriň üsti bilen adamyň islegleri ýüze çykýar.

*Isleg* köp halatda bolsa bir zada getirýär. *Mysal üçin,* adamyň isleglerini üç topara bölüp bolar:

*1. Biologiki islegler* – howanyň, iýmitiň, suwuň we beýleki bedene zerur zatlaryň gerekliligi hakynda alada etmek. Bu islegler ähli janly-jandarlara mahsusdyr.

*2. Jemgyýetiň döredýän durmuşy islegleri* – olarda şahsyýetiň başga adamlar bilen aragatnaşyga girmek, öz mümkinçiliklerini açmak we jemgyýetde öz ornuny tapmak zerurlyklary beýan bolýar.

*3. Ruhy islegler* – dünýä akyl ýetirme we onda öz ornuňy aklama, ömrüň manysy hakynda oýlanma. Ylym-bilime bolan zerurlyk adamzat tarapyndan örän ir döwürden bäri aňlanypdyr.

Biologiki, durmuşy we ruhy islegler biri-biri bilen aýrylmaz baglanyşykda bolýarlar. Adamyň bilogiki islegleri haýwanlaryňkydan tapawutlylykda, durmuşy häsiýete eýe bolýar. Adam öz zerurlyklaryny jemgyýetiň kadalary esasynda kanagatlandyrýar. Durmuşy islegler ruhy isleglere hem täsir edýär. Bilime bolan isleg köplenç, hünär almagyň, jemgyýetde mynasyp orna eýe bolmagyň serişdesi hökmünde çykyş edýär.

Adam tebigatyň perzendidir, ol tebigatyň ösüşi netijesinde peýda bolupdyr we onuň bilen hemişe özara täsirde ýaşapdyr. Taryhy materiýalizm tebigat adamzat jemgyýetiniň ýüze çykmagyny we ösüşini kesgitleýän güýç bolaýmasyn diýen sowala otrisatel jogap berýär. Haýwan tebigat bilen hem gös-göni baglanyşyklydyr. Dogrudan-da, sredanyň şertlerine, öz ýaşaýyş şertlerine kowlup eltilendir. Adamlar bolsa tebigat bilen ilteşikli baglanyşyklydyrlar. Olar tebigaty özlerine uýgunlaşdyrýarlar, aktiw özgerdiji iş esasynda tebigat bilen maddalaryň çalyşmagyny amala aşyrýarlar.

Zähmetiň ýüze çykmagy bilen olar özleri üçin emeli sredany, ikinji tebigaty döredýärler, bu bolsa olaryň ýaşaýşyny we ösüşini kesgitleýär. Jemgyýetiň ýüze çykmagynyň, dowam etmeginiň we ösüşiniň dogrudan-dogry esasy tebigat däl-de, eýsem önümçilikdir. Bu bolsa jemgyýetiň ýüze çykmagy bilen tebigat adamlaryň ösüşine täsir etmegini bes edýäe diýildigi däldir. Beýleki kosmiki jisimler bilen we hemmesinden öňürti gün bilen baglanyşykly ýer, onuň töweregindäki howa bardasy, derýalar, deňizler we okeanlar, klimat we toprak, ösümlikler we haýwanat dünýäsi, peýdaly magdanlar – bularyň hemmesi jemgyýetiň ýaşamagynyň hemişelik tebigy we zerur şertidir.

Tebigatyň we jemgyýetiň gatnaşyklary hakynda aýdylanda bolsa, ol özara täsir häsiýetindedir. Tebigat adamzat işiniň ugruna, zähmet öndürijiligine, halklaryň taryhy ösüşiniň depginlerine täsir edýär.

Pelsepe ylmynda adamyň barlygy bilen bagly meseleler gadymy döwürlerden bäri derňelip gelinýär. Gadymy Gündogar ýurtlarynda adam älemiň bir bölegi hökmünde aňlanyp gelnipdir. Şonda eger tebigat janly bedene meňzedilen bolsa, onda adam älemiň dürli güýçleriniň baglanyşygy hökmünde häsiýetlendirilýär. Dünýä adam üçin döredilmänligi sebäpli, adam öz erkini tebigata buýrup bilmeýär. Adam öz edýän hereketlerine ähli derejesinde jogapkär bolýar. Emma antiki filosofiýa tebigatyň we adam dünýäsiniň kanunlarynyň tapawutlylygyny aňlamak bilen ylmy baýlaşdyrýar. Netijede, tebigatyň üýtgemeýän kanunlarynyň we üýtgeýän adam ýörelgeleriniň gapma-garşylygy ýüze çykýar.

Adamyň ähli zadyň ölçegi bolýanlygy hakyndaky pikirleri öňe sürüp, *ýunan filosofiýasy* adamyň aňyna esasy ünsi çekýär. Delfidäki Apollon hramynyň işiginde daşyň ýüzüne ýazylan (“Adam! Özüňe akyl ýetir!”) atly ýazgy adam baradaky ylmyň ýol görkezijileriniň biri bolýar. Hristian we yslam filosofiki akymlary adamyň manysyny we ýaşaýşyny tapawutlandyryp, *“hakyky”* - hudaýdan bolan we *“hakyky däl”* – emeli döredilen başlangyçlary biri-birine garşy goýýarlar. Adamdaky kämil başlangyçlary gözlemek has-da sopuçylyk pelsepesine häsiýetlidir. Kämil, döredij adam hudaýa meňzedilýär. Adamyň döredijilik mümkinçiliklerini açmak Ýewropanyň täze döwrüniň pelsepewi akymlarynyň esasy meselesine öwrülýär. Akyldarlar XVII – XVIII asyrlarda *barlygy* iki hili häsiýetlendiripdirler. *Bir tarapdan,* oňa adama adama garşy duran, adamyň öz hereketi bilen özleşdirýän zady hökmünde garalýar. *Ikinjiden, barlyga* pikir diýip düşünipdirler.

Fransuz alymy *Rene Dekartyň* belleýşi ýaly, *“Pikirlenýärin, diýmek ýaşaýaryn”* diýmekdir. Onuň bu pikiri XIX asyrda has hem ösdürilipdir. Hatda bütin XX asyryň dowamynda adam meselesine bolan gyzyklanma örän uly bolýar. Akyldarlar adamyň asyl häsiýetlerini anyklamak üçin duýgy, erk, gyzyklanma ýaly, ýüze çykmalaryna üns berdiler. Ýagny, olar *maddy barlygy* we *adamyň barlygyny* biri-birinden çäklendirýärler. Maddy barlygy adamyň erkine we hereketine garşy goýýan zat hökmünde düşündirýärler.

Diýmek, adamyň barlygy onuň gaýtalanmaýan ýaşaýşynyň özboluşly usuly bolup, pelsepewi akymlarda bu düşünje dürli hili beýan edilýär. Emma bu ýerdäki tapawutlyklara garamazdan, ol aňlanylanda

adamyň özüne düşünmeklik esas döredýän aýratyn barlyk hökmünde baha berilýär.

Durmuşy gatnaşyklaryň we arabaglanyşyklaryň esasy göterijisi hökmünde *şahsyýet* çykyş edýär. Şahsyýetiň kimdigi baradaky düşünjäni *"adam"* we aýratyn adam ýagny, *"indiwid"* düşünjelerinden tapawutlandyrmalydyrys. Ýokarda belleýşimiz ýaly, "Adam" düşünjesi ähli ynsanlara mahsus bolan görnüşleri we ukyplary häsiýetlendirmekde ulanylýar. Bu düşünje dünýäde adamzat diýen aýratyn, taryhy taýdan ösýän birleşmäniň barlygyny we onuň diňe özüne häsiýetli bolan ýaşaýşa eýe bolýanlygyny görkezýär.

Adamzat özboluşly *barlyk* hökmünde ýaşaýar. Emma ol özbaşdak görnüşde däldir. Takyk adamlar ýaşaýarlar we hereket edýärler. Ýagny, adamzadyň aýratyn wekilleriniň barlygy "indiwid" (aýratyn adam) diýen düşünje bilen aňladylýar. Aýratyn adam (indiwid) adamzat görnüşiniň ýeke-täk wekili bolup, ol adamzadyň durmuşy we ruhy aýratynlyklaryny: aňy, erki, islegleri, bähbidi we başgalary takyk göteriji bolup çykyş edýär. Şu aýdylanlardan degerli netijeler çykarylanda aýdyp geçişimiz ýaly, "takyk adam" diýen manyny berýär. Şulara garalyp geçilende dürli-dürli biologiki zatlaryň täsiri (ýaş aýratynlygy, jynsy, hyjuwlylygy) şeýle hem adamyň ýaşaýyş hereketiniň dürli durmuşy şertleri görkezilip bilinmeýär. Emma bu zatlaryň täsirini göz öňünde tutmazlyk hem dogry bolmaz. Çaga bilen uly ýaşly adamyň, taryhyň dürli döwürlerinde ýaşan adamyň ýaşaýyş hereketiniň arasynda tapawutlaryň boljaklygy hem gümansyzdyr. Şonuň üçin hem adamyň aýratynlykda we taryhda ösüşiniň takyk aýratynlygyny düşündirmek üçin "indiwid" diýen düşünje bilen birlikde "şahsyýet" düşünjesi hem ulanylýar. Indiwide bu ýerde şahsyýetiň kemala gelmeginiň başlangyç pursaty hökmünde garalyp, şahsyýet adamçylyk häsiýetleriniň doly jemlenen görnüşi bolup, ol indiwidiň ösüşiniň netijesi bolýar.

Jemgyýeti öwreniş ylmy şahsyýetiň kemala gelşini, isleglериniň özgerişini durmuşy toparlaryň ýaşaýşy we ösüşi bilen berk baglanyşykda derňeýär. Şeýle hem bu ylym şahsyýet bilen jemgyýetiň, şahsyýet bilen toparyň baglanyşygyny, şahsyýetiň durmuşy hereketini ugrukdyrmak ýaly möhüm meseleleri öwrenýär.

Şahsyýet durmuşy gatnaşyklaryň sebäpkäri hökmünde ilki özbaşdaklygy, belli bir derejede bolsa jemgyýete garaşsyzlygy bilen düşündirilýär. Şahsy garaşsyzlygyň özüňe erk edip bilmeklik bilen bagly bolýandygy, onuň özüni aňlamagyny, onda diňe aňyň, erkiň, pikiriň barlygy bolman, eýsem, özüňi derňemäge, baha bermäge we gözegçilik

etmäge bolan ukybyň hem-de başarnygyň bolmagyny-da göz öňünde tutýar.

Şeýlelikde, şahsyýetiň özüne akyl ýetirmegi ýaşaýşa bolan erki döredip, ol dünýägaraýyş kadalaryna, durmuş gymmatlyklaryna, onuň nusgalyk keşbine, başarjaňlyga esaslanýan adamyň özüni alyp baryş ýörelgesi bolýar. Şonuň üçin, adam özüniň her günki hereketleriniň esasynda durmuşy gatnaşyklara barha çuň aralaşyp, şahsyýet derejesine çenli ýokary göterilýär.

Netijede, şahsyýetiň görnüşini häsiýetlendirýän esaslar üç görnüşinde görkezilýär:

- *bedeni şahsyýet;*
- *durmuşy şahsyýet;*
- *ruhy şahsyýet.*

Adamyň tebigat bilen baglanyşykly bolany üçin muny aňladýan zatlar onuň şahsyny açyp görkezýär. Şonuň üçin biziň şahsymyzy açyp görkezýän zatlar biziň *bedeni* gurluşymyzy häsiýetlendirýär. Ondan soňra egin-eşigimiz, aýrylmaz bölegimiz bolan maşgalamyz, ata-enemiz, ýan ýoldaşyň we çagalaryň öňe çykýarlar. Iň soňunda bedeni şahsyýetimizi maşgalanyň ýaşaýyş mesgeni bolan öý-ojagymyz kesgitleýär. Şahsyýet öz maşgalasynda – perzentlerinde bu dünýäniň päkligini, dowamlylygyny görýär.

*Durmuşy şahsyýet* diýlende başgalaryň biziň şahsyýetligimizi ykrar etmegi bizi şahsyýet derejesine çenli beýgeldýär. Her kim öz dünýäsi boýunça özgä baha berip, dürli pikirli adamlar sende-de şahsyýeti görýän bolsa, onda sendede şonça derejede durmuşy şahsyýetlik bardyr. Şonda durmuşda näçe gatnaşyga girýän adam toparlary bar bolsa, her bir adam şonça durmuşy şahsyýetlilige eýe bolýar.

*Ruhy şahsyýet* – “şahsyýet” düşünjesi köp manyly bolup, olaryň biri adama mahsus bolan iň esasy zady jemgyýetçilik jandary hökmünde görkezýän içki häsiýetleriniň jemidir, ýagny, adama berlen aňyň, ruhuň, onuň özüni alyp barşynyň aýratynlyklary baradadyr. Bu bolsa adamyň nämäni halaýanlygy, gymmatlaýanlygy, kömege ukyplylygy, ýagşylyk edip, ähdinde durup bilýänlige berk baglydyr. Şu aýdylanlaryň hemmesi *“ruhy şahsyýet”* diýen düşünje bilen aňladylýar. Bedeni, durmuşy, ruhy şahsyýet tebigy şahsyýeti döredip, işewür durmuşy başlangyja, ukybyň, hereketliligiň belli durmuşy taryhy görnüşine eýe bolýar. Häzirki döwürde bu görnüş möhüm wezipeleri öz içine alyp, tebigatda we jemgyýetde özgerdiji orna eýedir. Şeýlelikde, şahsyýet derejesi adamy tebigy dünýäsinden döredijilik we pikirlenmek dünýäsine getirýär.

4-nji tema.
Ruh, aň we paýhas

M e ý i l n a m a:

I. Ruh hakynda umumy düşünje. Jan, ten we olaryň birligi.

II. Aň we onuň düýp manysy. Aňyň aýdyňlygynyň derejeleri.

III. Dil adamlaryň habarlaşmagynyň we özara düşünişmeginiň serişdesi hökmünde.

IV. Diliň we aňyň birligi.

E d e b i ý a t:

1. Türkmenistanyň Prezidenti Gurbanguly Berdimuhamedowyň Türkmenistanyň Ministrler Kabinetiniň giňişleýin mejlisinde sözlän sözi *(2009-njy ýylyň 15-nji ýanwary).* “Türkmenistan”, “Neýtralnyý Turkmenistan” gazetleri, 2009-njy ýylyň 16-njy ýanwary.
2. Türkmenistanyň Prezidenti Gurbanguly Berdimuhamedowyň Türkmenistanyň Mejlisiniň IV çagyrylyşynyň birinji maslahatynda eden çykyşy *(2009-njy ýylyň 9-njy ýanwary).* “Türkmenistan”, “Neýtralnyý Turkmenistan” gazetleri, 2009-njy ýylyň 10-njy ýanwary.
3. Türkmenistanyň Prezidenti Gurbanguly Berdimuhamedowyň türkmen halkyna Täze ýyl gutlagy. “Türkmenistan”, “Neýtralnyý Turkmenistan” gazetleri, 2009-njy ýylyň 1-nji ýanwary.
4. Gurbanguly Berdimuhamedow. Ösüşiň täze belentliklerine tarap. –Aşgabat, 2008.
5.Gurbanguly Berdimuhamedow. Ahal-teke bedewi – biziň buýsanjymyz we şöhratymyz. –Aşgabat, 2008.
6. Türkmenistanyň Prezidenti, Dünýä türkmenleriniň ynsanperwer birleşiginiň Prezidenti Gurbanguly Berdimuhamedowyň Dünýä türkmenleriniň XI maslahatynda eden çykyşy *(2008-nji ýylyň 24-nji oktýabry).* “Türkmenistan”, “Neýtralnyý Türkmenistan” gazetleri, 2008-nji ýylyň 26-njy oktýabry.
7. Türkmenistanyň Halk Maslahatynyň Başlygy, Türkmenistanyň Prezidenti Gurbanguly Berdimuhamedowyň Türkmenistanyň nobatdan daşary XXI Halk Maslahatynyň mejlisinde eden çykyşy *(2008-nji ýylyň*

*26-njy sentýabry).* “Türkmenistan”, “Neýtralnyý Türkmenistan” gazetleri, 2008-nji ýylyň 29-njy sentýabry.
8. Gurbanguly Berdimuhamedow. Eserler ýygyndysy. –Aşgabat, 2007.
9.Türkmenistanyň Prezidenti Gurbanguly Mälikgulyýewiç Berdimuhamedow (Gysgaça terjimehal). –Aşgabat, 2007.
10. Türkmenistanyň Prezidenti Gurbanguly Berdimuhamedowyň ýurdy täzeden galkyndyrmak baradaky syýasaty. –Aşgabat, 2007.
11. Mugallym, esger, ilhalar ynsan. Berdimuhamet Annaýewiň gahrymançylykly ömür ýoly. –Aşgabat, 2008.
12. Saparmyrat Türkmenbaşy. Ruhnama. –Aşgabat., 2001.
13. Saparmyrat Türkmenbaşy. Ruhnama (Ikinji kitap). Türkmeniň ruhy beýikligi. –Aşgabat., 2004.
14.Keşikow A.N.,Aýriýans L.I. Filosofiýanyň taryhy (Okuw gollanmasy).
- Aşgabat., 1990.
15. Ataýew D., Mollakow W. Materiýa we aň. –Aşgabat., “Ylym”., 1977.
16. Dialektiki we taryhy materializm. –Aşgabat., 1975.
17. Baýramsähedow N. Gündogaryň beýik danalary. –Aşgabat., 1992.
18. Baýarow T.B., Nurlyýew J.N. Filosofiýa, onuň predmeti we jemgyýetdäki roly. –Aşgabat., 1999.
19. Спиркин А.Г. Основы философии. -М.,1988.
20. История философии. I, II томах. -М.,1957.
21. Философский энциклопедический словарь. -М.,1983.
22. Основы философии. (Учебник для ВУЗ-ов). -М.,1991.
23. Философский словарь. -М.,1990.
24. Очерки истории философский и общественно-политической мысли в Туркменистане. –Ашхабад, 1970.
25. Чанышев А.Н. Курс лекции по древней философии. -М.,1981.
26. История политических и правовых учений. -М.,1988.
27. Политическая социология. Для студентов вузов. – Ростов н/Д., 1997.

Adamzat jemgyýetiniň taryhy ösüşinde adamlaryň daşky dünýä düşünmeklerinde, olaryň dünýägaraýşynyň giňelmekligine ýardam edýän filosofiýa ylmynda *ruh* diýen düşünje bar. Ol maddy, tebigy başlangyjy däl-de, maddy däl başlangyjy aňladýan filosofiki düşünjedir. Ruh bilen materiýanyň gatnaşygy dogrusyndaky mesele filosofiýanyň esasy meselesi bolmagynda galýar. Materiýa ilkinjidir, ruh şondan gelip çykýandyr diýlip tassyklanylmagy *materializmdir,* dünýäniň başlangyjy ruhdur diýlip hasap edilmegi bolsa, *idealizmdir.* Ruhuň düýp manysyny kesgitleýän pursatlar hökmünde onuň aňa salynmaýan taraplaryna – erke, duýga we intuisiýa garalýar.

Ilkibaşda, Gadymy Gündogaryň ýurtlarynda, gadymy Gresiýada we Rimde ruh düşünjesine käbir maddy alamatlary bolan örän inçe substrat diýlip düşünilipdir. Mysal üçin, pnewma *"şemaly" (Fales, Empedokl), "howany" (Anaksimen)* aňladypdyr. Bar bolan dini düşünjelere görä, ruh ozaly bilen hiç zat ýok ýerden dünýäni we adamy ýaradan şahsy absolýut – hudaý hökmünde göz öňüne getirilýär. Gadymy grek akyldary, meşhur ensiklopediýaçy alym *Aristotel* (b.e.öňki 384-322 ýý) ruha adamyň ýaşaýşynyň esasy özeni hökmünde garapdyr. Onuň filosofiki garaýyşlary bolsa *"Metafizika", "Fizika", "Organon", "Syýasat", "Etika"* diýen eserlerinde çuňňur beýan edilipdir.

Täze döwrüň filosofiýasynda ruhuň ozaly bilen paýhas, pikirlenme (fransuz filosofy *Rene Dekart,* niderland filosofy *Benedikt Spinoza,* XVIII asyr fransuz materialistleri) hökmünde rasionalistik düşündiriliş ideýalary ösýär. XVIII asyr iňlis filosofy *Jorj Berkli* (1685-1753 ýý) bolsa özüniň *"Adam biliminiň başlangyçlary hakynda traktat"* diýen filosofik eserinde *"...Hemme ýerde häzir ebedilik ruh bar, şol ruh hemme zatlara akyl ýetirýär we olary öz içine alýar hem-de şol ruh bu zatlary biziň gözümize özüniň bellän kadalaryna laýyk edip we biziň tebigatyň kanunlary hökmünde kesgitleýän kadalarymyza laýyk edip görkezýär"* diýip ýazypdyr. Ruhuň intellektual tarapy, ylaýta-da nemes klassiki filosofiýasynda giňden ösdürilýär. *F.Şelling* tebigaty tutuşlygyna absolýut ruhuň pursaty hökmünde göz öňüne getirýär. *G.Gegel* bolsa, dünýä ruhy filosofiýany döretdi, onuň dünýä ruhy ösýän logiki kategoriýalar hökmünde ýüze çykýar diýip hasaplapdyr. Mukaddes Ruhnamada bolsa ruh hakynda öňe sürülýän pelsepewi pikirler şeýle düşündirilýär: *"Ruh – biziň gursagymyzda Allatagaladan parçadyr. Ruh bolmasa, ýaşaýyş ýokdur. Ruh ýaşaýşyň içki mańzydyr".*

Ruh hakyndaky taglymatlarda ony absolýut ideýa bilen aýrylmaz baglanyşdyrýarlar. *Absolýut ideýa* – munuň özi, obýektiw idealizmiň

filosofiki sistemasynda esasy düşünjeleriniň biridir. Onuň esasy wekilleri nemes filosofy *Gegel* we onuň filosofik sistemasyny dowam etdirijilerdir. Absolýut ideýa tebigatdaky we jemgyýetdäki hemme zatlary döreden, olaryň ýaşamagyny, üýtgemegini kesgitleýän maddy dünýäden ýokary bir ruhy başlangyçdyr diýip ykrar edýär. Dialektiki materializm bolsa, absolýut ideýa düşünjesi adamlaryň özünden üzňeleşdirilen hem-de abstraktlaşdyrylan adam paýhasydyr diýip hasap edýär.

Ilkidurmuş adamlary *jana* maddy bir zat hökmünde düşünipdirler. Gadymy grek akyldarlary *Demokritiň* we *Epikuryň* öňe süren pikirlerine görä, jan tenli bolup, ol hereketli atomlardan emele gelipmiş. Gadymy grek filosofy, beýik akyldar *Platonyň* (b.e.öňki 427-347 ýý) taglymatynda bolsa, jan paýhasy bilen ten dünýäsi birikdirilýär. "Jan" "paýhasdan" öz hereket ediş kanunyny almak bilen, ondan özüniň hereketliligi bilen düýpli tapawutlanýar. Bu bolsa, öz-özünden hereketlenmek prinsipidir. Platon "jan" bilen bilelikde, teniň-de hemişe döräp durýanlygy barada aýdýar. Teniň ölmegi onuň başga bir ýagdaýa geçmegidir. *Aristotel* (b.e.öňki 384-322 ýý) jany janly jisimiň formasy hökmünde ylmy taýdan öwrenmeklige ilkinji synanyşyklary edenleriň biridir. Ol jany tenden aýrylmaýan zat diýip hasap edipdir. Arap filosofy, alym, lukman, tebigaty öwreniji *Ibn Roşd* (1126-1198 ýý) bolsa, janyň beden bilen berk baglanyşyklydygyny, indiwidual janyň ebediligini inkär edýär.

Filosofiýada *animizm* düşünjesi janyň we ruhlaryň, ýagny tebigatdan we duýgudan daşary obrazlaryň barlygyna ynanmaklyga düşündirilýär. *"Animizm"* termini ilkinji gezek nemes alymy *G.Ştal* tarapyndan girizilýär. Ylmyň ösüşinde XIX asyrda *E.Taýlor, G.Spenser* bolsa, animizmi bütinleý başga manyda ulanypdyrlar. Mysal üçin, *Taýlor* öz filosofiki eserlerinde "Animizm" terminine iki hili many berýär:

Birinjiden, *animizm jana we ruhlara ynanmaga aňlatsa;*

Ikinjiden, *ol diniň gelip çykyş teoriýasyny aňladýar.*

*Aňyň* gelip çykyşy we düýp mazmuny dogrusyndaky mesele filosofiýa ylmynyň iň bir çylşyrymly meseleleriniň biridir. Bu meseläniň çözülmegi adamynyň beýnisiniň gurluşyna akyl ýetirmek bilen aýrylmaz baglanyşyklydyr. Adamyň beýnisi ýokary guralan materiýanyň önümidir. Adamyň aňynyň emele gelmeginde kelle beýnisiniň bardasy aýgytly rol oýnaýar. Ol örän çylşyrymly gurluşy bolan maddy bir zatdyr.

*Materializm we idealizm* materiýa hem-de aňyň gatnaşygy dogrusyndaky meseläni dürli hili düşündirýärler. Materializm materiýa ilkinji diýmek bilen, aňa ýokary guralan materiýanyň ideal funksiýasy hökmünde garaýar. Emma idealizm bolsa, aň ilkinji diýmek bilen materiýany aňdan getirip çykarmaga çalyşýar.

Obýektiw idealizmiň wekilleri adamynyň aňyny adamdan aýryp, özbaşdak ýaşadýarlar we oňa *ruh* diýip at berýärler. Olaryň pikiriçe, dünýäniň hemme hadysalary şol ruhuň döredenimiş.

Subýektiw idealizmiň wekilleri bolsa, adamynyň aňy ilkinjidir, materiýa aňa baglydyr diýip aýdýarlar. Aň adamynyň beýnisiniň ideal funksiýasydyr. Ol beýnide daşarky dünýä bilen baglylykda ýüze çykýar. Adamyň aňy dürli elementlerden duryan bütewi sistemadyr. Aňyň başlangyç elementi *ten duýgusydyr.* Ten duýgynyň çeşmesi daşarky dünýäniň hadysalarydyr. Ten duýgusy aňyň esasydyr. Ten duýgusyz aň bolup bilmez. Diňe ten duýgularyň kömegi bilen aň öz baý mazmunyna eýe bolýar. Adamyň aňynyň ösüşiniň has ýokary derejesi hem *pikirlenmekdir.* Pikirlenmede adam daşarky dünýäniň dürli hadysalarynyň umumy häsiýetlerini beýnide şöhlelendirýär. Pikirlenmeklik ten duýgularynyň, göz öňüne getirmäniň esasynda döreýär. Adamynyň aňy tebigatyň uzak wagtlar içinde taryhy ösüşiniň netijesidir. Adamynyň ten duýgulary bilen daşarky dünýäniň hadysalaryny şöhlelendirmäniň bütin materiýa mahsus bolan şöhlelendirmäniň uzak wagtlaryň dowamynda taryhy ösüşiniň önümidir.

Adamynyň aňy otnositel özbaşdaklyga eýedir. Ol otnositel özbaşdaklyk adamynyň aňynda maddy hadysalar näçe çuňňur şöhlelenýändigine baglydyr. Adamynyň beýnisinde daşarky hadysalar näçe çuňňur şöhlelendirilse, adam şonça-da hadysanyň geljegine göz ýetirip biler. Aňyň ýüze çykmaklygy psihikanyň ösüşiniň täze döwrüdir.

XIX asyryň II ýarymynda filosofiki pikirleriň ösüşiniň taryhynda – *wulgar materializm* atly täze filosofiki ugur ýüze çykýar. Bu ugruň wekilleri *(K.Foht, L.Býuhner, Ýa.Moleşott)* metafiziki materializmden ugur alyp, dünýäniň materiýalaýyn bitewiligi hakyndaky prinsipe düşünmän, aňy materiýanyň aýratyn bir görnüşi hasap edýärdiler. Daşarky dünýäniň hadysalaryny aňmagyň anyk formasy - adamynyň dilidir. Aň *dil* bilen hem aýrylmaz baglydyr. Dil hem zähmet prosesinde aň bilen birlikde ýüze çykypdyr. Şonuň üçin dil aň ýaly gadymydyr.

Dil hem aň ýaly adamlaryň işiniň önümidir, kollektiwiň önümidir. Diliň ýüze çykmagyny adamlaryň zähmet prosesinde olaryň biri-birine nämedir bir zat aýtmak isleginiň dörändigi bilen düşündirip bolar. Diliň

ýüze çykmagy adamynyň zähmet prosesine ägirt uly täsir edýär. Adamlary baglanyşdyrýan dil bolmasa, maksada laýyk guralan jemgyýetçilik önümçiligini alyp barmak mümkin däldir. Gepleýiş sözleri ulanýan adamynyň özüne hem täsir edýär. Adamlaryň pikiriniň ösmegi diliň ösmek taryhynda özüniň aňlatmasyny tapýar. Şonuň üçin hem dil adamlaryň pikiriniň taryhy ewolýusiýasynyň gadymy hem ynandyryjy şaýadydyr. Dil pikiriň gös-göni hakykata öwrülmegidir. Dil belli bir aýdyňlyga ýeten pikiri aňladýar.

Adamzadyň dili otnositel özbaşdaklyga eýedir. Emma diliň ýaşaýşy pikiriň ösmegi bilen aýrylmaz baglydyr we diliň ösmegi onuň täsiri astynda bolup geçýär. Öz gezeginde diliň ösmegi pikiriň ösmegine ýardam edýär. Adam daş-töweregini gurşap alýan hadysalar bilen fiziki jisim hökmünde özara täsirde bolman, sosial jandar hökmünde çykyş edýär. Ikinjiden, adam daşarky dünýäniň hadysalaryna gatnaşygynda ol özüniň sosial (durmuş) tejribesine daýanýar we dilinde aňladýar. Üçünjiden, adam daşarky dünýäniň hadysalaryna gatnaşygynda onuň obýektiw kanunyndan ugur alýar. Adamynyň içki pikirlenmek prosesi onuň daşky praktiki işinden ýüze çykýar we ösýär. Başda adamyň pikirlenmek prosesi onuň daşky predmetler bilen praktiki işinde bolýar. Ondan soň bu daşky praktiki işi içki plana geçýär. Pikirlenmek prosesi adamynyň praktiki işiniň onuň beýnisinde täzeden döredilmegidir diýip aýtmak bolar.

Jemgyýetçilik önümçiligi bilen birlikde adamyň beýnisinde emele gelýän *ideal obrazyň* zerur esasy dildir. Adamyň kelle beýnisiniň daşyndaky maddy hadysalar diňe dil bilen bellenende ideal obrazy berýärler. Ideal obraz her bir beýniniň işi bolman, ol adamyň beýnisiniň işidir. Beýni öz-özi pikirlenmän, eýsem, beýnisi bolan adam pikirlenýär. Ideal obraz adamynyň işinde işjeň rol oýnaýar. Ol subýektiň çylşyrymly işiniň gymmatly şertidir. Filosofiki pikirleriň ösüşiniň tarhynyň dürli döwürlerinde aň meselesi dogrusynda bar bolan akymyň filosoflary hemme materiýada aň bar diýip hasap edipdirler. *Meselem,* gadymy grek filosofy *Fales* magnitiň demri özüne çekmegini onuň ýüregi bar diýip düşündiripdir. Şonuň ýaly-da, XVIII asyryň görnükli fransuz materialisti *Deni Didro* duýmaklyk hemme materiýanyň häsiýetidir diýip hasap edipdir. Onuň pikiriçe, *duýmaklyk* materiýanyň dürli görnüşlerine dürli derejede mahsusdyr.

Aň meselesi dogrusynda iş alnyp barlanda, soňky döwürlerde ony täze ylmy ugur bolan kibernetika bilen berk baglanyşdyrýarlar. Kibernetika nähili hadysalary öwrenýärkä? Janly tebigatda, jemgyýetde

we tehnikada dolandyryş we baglanyşyk dogrusyndaky ylma *kibernetika* diýilýär. Kibernetika serişdesi bilen adamyň we onuň aýry-aýry organlarynyň işini, esasan hem beýnisini kibernetika metody (usuly) bilen öwrenmeklik aýratyn-da uly ähmiýete eýedir. Adamyň beýnisi iň çylşyrymly we kämilleşen dolandyryş ulgamydyr. Kibernetika çylşyrymly awtomatik gurluşyň işleýşi bilen adamyň beýnisiniň işleýşiniň meňzeşligini tapmaga giň mümkinçilik berdi.

Adamynyň aňy jemgyýetçilik häsiýetine eýedir. Her bir adamynyň aňy onuň önümçilik prosesinde beýleki adamlar bilen alyp barýan dürli gatnaşygynyň netijesidir. *Adam* jemgyýetçilik gatnaşyklarynyň dialektiki jemidir. Adamyň aňynyň döredijilikli häsiýeti onuň şol wagtda durmuşa geçirmäge mümkinçiligi bolmadyk täze ideýalary (başlangyçlary) öňe sürmäge ukyplylygynda hem ýüze çykýar. Onuň ösmegi – daşarky dünýäniň hadysalarynyň beýnide şöhlelendirilmegi we döredijilikli özleşdirilmegidir. Şol esasdan hem adamda onuň dünýägaraýşynyň barha giňelmegi bolup geçýär. Adam aňynyň döredijilikli häsiýeti zähmetde, tejribede has aýdyň ýüze çykýar. Daşarky dünýäniň hadysalarynyň obýektiw kanunlaryny beýnide şöhlelendirmek we özleşdirmek esasynda adamzat ol hadysalary tejribäniň üsti bilen üýtgedýär we öz mätäçligi üçin ulanýar.

Dünýäniň predmetleriniň, hadysalarynyň özara obýektiw arabaglanyşygyny, birligini we oňa akyl ýetirmegiň basgançagyny aňladýan filosofik kategoriýa ylymda *ählumumylyk* diýilýär. Ählumumylyk adamlaryň tebigy we sosial sredany özgertmäge gönükdirilen uzak wagtly praktiki we teoretiki işi netijesinde kemala gelýär. Hakykatyň maddy düzümleri, hadysalary we akyl ýetirişiň obýektleri özboluşly, ýekeleýin taraplara eýedir. Ählumumylyk ýekeleýin zadyň, aýratyn zadyň we gapma-garşylykly tarapyň özara geçişi arkaly ýaşaýar. Gadymy grek materialistleri *Fales, Geraklit we Demokrit* ählumumylygy maddy başlangyja (oda, suwa, atoma) syrykdyrypdyrlar. Olaryň pikiriçe, şol umumy maddy başlangyç dürli hadysalaryň düýp esasy we çeşmesi bolupdyr. Materialistler umumy başlangyjyň obýektiwligini ykrar edipdirler. Idealistler üçin bolsa, ählumumylyk materialaýyn düzümlerden, ýekeleýin zatlardan özbaşdak ýaşaýan aýratyn düýp mazmuna syrygýar. Bu garaýyş orta asyrlarda *realistleriň* tassyklamalarynda has-da aýdyň ýüze çykýar. Olaryň pikiriçe, ýekeleýin zatlar geldi-geçer bolýar, häli-şindi üýtgäp durýar. Ählumumylyk bolsa, ýekeleýin zatlary döredýän esasdyr. Ol üýtgemeýär, munuň tersine ol müdimidir.

## 5-nji tema.
## Akyl ýetiriş teoriýasy

M e ý i l n a m a:

I. Akyl ýetiriş teoriýasyna umumy garaýyş.

II. Hakykylygyň obýektiwligi we düýp manysy.

III. Pikirlenme, onuň düýp manysy we esasy formalary.

IV. Metodologiýa, metod we metodika düşünjeleri.

V. Döredijilikde ýiti zehiniň roly.

E d e b i ý a t:


1. Gurbanguly Berdimuhamedow. Ösüşiň täze belentliklerine tarap. –Aşgabat, 2008.
2. Gurbanguly Berdimuhamedow. Eserler ýygyndysy. –Aşgabat, 2007.
3.Türkmenistanyň Prezidenti Gurbanguly Mälikgulyýewiç Berdimuhamedow (Gysgaça terjimehal). –Aşgabat, 2007.
4. Türkmenistanyň Prezidenti Gurbanguly Berdimuhamedowyň ýurdy täzeden galkyndyrmak baradaky syýasaty. –Aşgabat, 2007.
5. Saparmyrat Türkmenbaşy. Ruhnama. –Aşgabat., 2001.
6. Saparmyrat Türkmenbaşy. Ruhnama (Ikinji kitap). Türkmeniň ruhy beýikligi. –Aşgabat., 2004.
7.Keşikow A.N.,Aýriýans L.I. Filosofiýanyň taryhy (Okuw gollanmasy). - Aşgabat., 1990.
8. Ataýew D., Mollakow W. Materiýa we aň. –Aşgabat., "Ylym"., 1977.
9. История философии. I, II томах. -Москва., 1957.
10. Философский энциклопедицеский словарь. -Москва., 1983.
11. Основы философии. (Учебник для ВУЗ-ов). -Москва., 1991.
12. Философский словарь. -Москва., 1990.
13. Спиркин А.Ф. Основы философии. -М.,1988.

Filosofiýa ylmynda adamyň daş-töweregi gurşap alan bu dünýä nähili akyl ýetirýändigi hakyndaky meselesi iň bir çylşyrymly meseleleriň biridir. Ol ylmyň ösüşiniň iň gadymy döwürlerinden tä şu güne çenli esasy filosofiki we jedelli meseleleriň biri bolup geldi.

Häzirki zaman adamzat jemgyýetinde adam tebigatyň barha kuwwatly güýçlerini özüne hyzmat etdirýär. Şol güýçleri peýdalanmak üçin bolsa, olara akyl ýetirmek we barlamak zerurdyr. Biziň zamanamyzda önümçilik ylymsyz ösüp bilmeýär. Akyl ýetirişiň "gizlin syrlaryny" açmagyň açaryny tapmak ugrunda filosoflar, akyldarlar asyrlar boýy tagallalary edip geldi, şol açary tapmak bolsa, filosofiki taglymatlar esasynda adamzat aňynyň sosial tebigatyny açan, adamlaryň akyl ýetiriş işiniň prosesinde olaryň maddy önümçilik işiniň aýgytly roluny ýüze çykaran mahalynda başartdy.

*Akyl ýetiriş teoriýasy* ýa-da *gnoseologiýa* – munuň özi hakykata akyl ýetirmegiň mümkinçiligi, onuň çeşmeleri, formalary, metodlary hakyndaky filosofiki taglymatdyr. Filosofiýanyň esasy meselesiniň, ýagny dünýä akyl ýetirmek mümkinmi ýa-da dälmi diýen meseläniň dürli filosofiki ugurlar tarapyndan dürli-dürli çözülmegi akyl ýetiriş teoriýasynyň başlangyç punktydyr. Agnostisizm ugry dünýä akyl ýetirmegiň mümkindigini inkär edýär. Daşky dünýäni duýgulaýyn beýnä ornaşdyrmalaryň önümi (subýektiw idealizm) ýa-da mistiki ideýanyň önümi (obýektiw idealizm) hasaplaýan idealistler akyl ýetiriş ýollaryny nädogry düşündirýärler. Tebigatyň, jemgyýetiň we aňyň iň umumy kanunlaryny açmak bilen bilelikde materialistik dialektika ýeke-täk ylmy akyl ýetiriş teoriýasyny döretdi. Duýgulaýyn akyl ýetirişiň *ten duýgusy, beýnä ornaşdyrma, göz öňüne getirme, syn ediş* ýaly formalary bar. Hakykatyň kanunlary bilen akyl ýetiriş kanunlary özleriniň mazmuny boýunça birdir, şoňa görä-de, ösüş hakyndaky çuň we hemmetaraplaýyn taglymat bolan dialektika akyl ýetirişiň ösüş kanunlaryny öwrenýän *gnoseologiýany* we *logikany* öz içine alýar.

Filosofiýa ylmynda akyl ýetiriş teoriýasy örän uly orun eýeleýär. Akyl ýetiriş, sözüň hakyky manysynda hakykaty şöhlelendirmekdir. Ol akylyň zatlaryň düýp mazmunyna aralaşmagynyň çylşyrymly dialektiki prosesidir. Akyl ýetiriş garşylyklaryň emele gelmegi we çözülmegi arkaly barýar we aktiw, döredijilikli häsiýetde bolýar: ol hakykatyň kanunalaýyklygyny ýüze çykaryp, obýektiw dünýäni özgertmek, üýtgetmek ýollaryny gözleýär.

Pikirlenişiň özi hakynda-da ylym bolan materialistik dialektika öz predmetini taryhy taýdan öwrenýär, akyl ýetirişiň gelip çykyşyny we

ösüşini aýdyňlaşdyrýar. Geçmişiň birentek akyldarlary akyl ýetirişi we onuň formalaryny bularyň obýektiw mazmunyny aýdyňlaşdyrmaklyga baglanyşyksyz suratda öwrenipdirler; olar pikirleniş kanunlarynyň barlygyň özüniň kanunlaryna hiç hili gatnaşygy ýokdur diýip güman edipdirler. Muňa mysal bolup adamyň akyl ýetirişini we onuň formalaryny akyl ýetirişiň real prosesinden öň we muňa garaşsyz analizlemäge synanyşan *Kantyň* gnoseologiýasy (akyl ýetiriş teoriýasy) hyzmat edip biler. Kantyň akyl ýetiriş teoriýasynyň formalizmi esasan, pikirleniş formalaryny olaryň obýektiw mazmunyndan doly üzňeleşdirmekden ybaratdyr.

Akyl ýetirişiň hakyky kanunlaryna bilimiň obýektiw mazmuny analizlenen mahalynda, diňe şonda düşünmek bolar. *Gegel* pikirleniş formalaryny obýektiw dünýä bilen baglanyşykly janly, real mazmunyň formalary diýip hasap edipdir. Munuň özi dogrudyr. Emma Gegeliň filosofiýasynda pikirleniş kanunlary we formalary tebigatyň kanunlaryny şöhlelendirmän, gaýtam, tersine, tebigatyň kanunlary ruhuň ösüş kanunlarynyň öçügsi kopiýasy bolup durýar.

Marksistik filosofiýa subýektiw dialektika diýilýäniň (biziň pikirlenişimiziň ösüşiniň) obýektiw dialektikanyň (materiýalaýyn dünýä hadysalarynyň ösüşiniň) şöhlelenmesi bolup durýanlygyndan ugur alýar. Pikirlenme kanunlary bilen barlyk kanunlarynyň birligi olaryň arasynda hiç hili tapawudyň ýokdugyny aňlatmaýar. Olar mazmuny boýunça birdirler, emma özleriniň ýsaşaýyş formasy boýunça dürli-dürlüdirler: olaryň birleri obýektiw ýaşaýarlar, beýlekileri bolsa birinjileriniň şöhlesi hökmünde adamyň aňynda ýaşaýarlar.

Adamyň akyl ýetiriş ukyby taryhy häsiýetdedir we adamyň hem onuň pikirleniş organynyň – beýnisiniň ösüşine baglydyr. Adamyň spesifik işi hökmünde şol ukybyň emele gelmeginde jemgyýet aýgytlaýjy rol oýnady. Akyl ýetiriş prosesi jemgyýetçilik-taryhy häsiýetde bolýar we jemgyýetiň ösüşine laýyklykda ösýär. *Akyl ýetirişiň* ahyrky maksady jemgyýetçilik taýdan zerur praktiki islegleri kanagatlandyrmakdan ybaratdyr.

Dialektika akyl ýetirişiň ösüş kanunlaryny bilimiň bütin taryhyny umumylaşdyrmak esasynda öwrenýär. *Akyl ýetiriş teoriýasy* hökmünde, dialektikanyň möhüm problemalaryndan biri hakykata akyl ýetirişde duýgulaýyn zat bilen rasional zadyň ornuny, ähmiýetini we mynasybetini aýdyňlaşdyrmakdan ybaratdyr. Ylym akyl ýetirişe ten duýgusynyň-da, paýhasyň-da gatnaşýandygyny bir eýýäm takyklapdy,

emma olaryň orny we ähmiýeti hakyndaky sowala dürli ugurlaryň filosoflary dürli-dürli jogap berýärdiler.

Filosoflaryň birleri hakykata ýetmek üçin duýgulaýyn akyl ýetiriş ýeterlikdir, pikirlenişiň roly bolsa göýä duýgularyň maglumatlaryny diňe ýönekeý jemlemekden ybaratdyr diýip hasap edýärdiler. Pikirleniş ten duýgularyndan we beýnä ornaşdyrmalardan birneme daşlaşan dessine, ol azaşýar we hakykatdan üzňeleşýär. Akyl ýetirişi tejribä syrykdyrýan filosofik ugra *empirizm* diýilýär. Käbir materialistler hem (Frensis Bekon, Jon Lokk), käbir idealistler hem (Jorj Berkli, Dawid Ýum, mahistler) empirizm pozisiýalarynda durýarlar. Şunda materialisler ten duýgularynyň we beýnä ornaşdyrmalaryň aňyrsynda obýektiw hakykat bar, bular obýektiw hakykatyň şöhlelenmesidir diýip dogry hasap edýärler. Idealistler bolsa ten duýgularynyň çeşmesiniň obýektiw dünýädigini inkär edýärdiler; olar ten duýgularyny ilkinji, obýektiw dünýäni bolsa ten duýgularyndan gelip çykan zat hasap edýärdiler.

Empirikler tejribeden öň, duýgy maglumatlaryndan öň adamda daşky dünýä hakynda hiç hili bilim ýokdur we bolup-da bilmez diýýän mahallarynda mamladyrlar. Empirizmiň gowşak tarapy akyl ýetirişde abstrakt pikirlenmäniň roluny kemsitmekden, ten duýgularyna we beýnä ornaşdyrmalara garanyňda pikirlenişiň hil taýdan özboluşlylygyny inkär etmekden ybaratdyr.

Häzirki zaman buržuaz filosofiýasynyň birentek ugurlary: *pragmatizm, logiki pozitiwizm* we başgalar empirizmiň ýaramaz, idealistik formasynyň pozisiýasyna goşulýarlar. Häzirki zaman pozitiwizmi üçin, birinjiden, tejribäni idealistik düşündirmek, ony obýektiw mazmundan "arassalamak", ikinjiden, bütin ylmy akyl ýetirişi idealistik düşünilýän faktlary ýönekeý registrirlemeklige we beýan etmeklige syrykdyrmak häsiýetlidir.

Akyl ýetiriş üç pursatyň: janly syn edişiň, pikirlenişiň we praktikanyň özara täsiri netijesinde döreýär. Bularyň her biri zerurdyr, her biri beýlekisiniň berip bilmeýän zadyny berýär. Şu özara täsir bütin akyl ýetiriş prosesiniň başyndan aýagyna çenli içinden geçip gidýär, onsoňam şu özara täsirde esasy we aýgytlaýjy pursat bolup *praktika* orta çykýar.

Praktikanyň akyl ýetiriş teoriýasyna goşulmagy filosofik pikiriň örän belent üstünligidir. *Praktika – adamyň akyl ýetirişiniň esasydyr we onuň hakykylygynyň ölçegidir.* Akyl ýetiriş prosesinde diňe praktikanyň roluny aýdyňlaşdyryp, pikirlenmäniň tebigat bilen baglanyşygynyň haýsy esasda bolup geçýändigine düşünmek bolýar.

Düýp mazmun we hadysa. Düýp mazmunyň özi obýektiw hakykatyň içki, otnositel durnukly tarapydyr, şu hadysanyň tebigatyny kesgitleýän tarapydyr. Düýp mazmundan tapawutlanyp, *hadysa* obýektiw hakykatyň daşky, has hereketli we üýtgeýji tarapydyr; hadysa düýp mazmunyň konkret ýüze çykmasydyr.

Düýp mazmun we hadysa hakyndaky düşünjeler ylmy bilimiň dowam etmeginiň ilki başyndan başlap peýda boldy. Akyl ýetirişiň ösüşiniň logikasy we praktiki işiň islegleri adamy zadyň ýa-da predmetiň düýp mazmuny bolup duran zady olaryň ilki başda bize görnüşinden tapawutlandyrmagyň zerurlygyna getirdi.

Metafizika üçin hadysany düýp mazmundan üzňeleşdirmek häsiýetlidir. Bu üzňeleşdirmek dürli-dürli görnüşde ýüze çykýar. Her bir düýp mazmun anyk predmetlerde, proseslerde, wakalarda, gatnaşyklarda we ş.m. ýüze çykýar. Hadysa düýp mazmunlydyr diýmekligiň özi her bir hadysada düýp mazmunyň ýüze çykýandygyny aňladýar. Her bir hadysa düýp mazmun bilen ol ýa-da başga hili baglanyşyklydyr, onuň ýüze çykmasydyr. Meselem, derýanyň ýüzündäki köpürjik hem düýp mazmunyň – aşakda çuň akymyň barlygynyň aňladylmasydyr. Düýp mazmunyň aýry-aýry ýüze çykmalaryna akyl ýetirip, biz şunlukda düýp mazmunyň özüne akyl ýetirmek ýoly bilen barýarys. Munuň özi adam zadyň düýp mazmunyna däl-de, hadysa akyl ýetirip biler diýip hasap edýän agnostisizmi ýalana çykarýar. W.I.Leniniň belleýşi ýaly, ”...Hadysa bilen özlügindäki zadyň arasynda hiç hili prinsipial tapawut düýbünden ýok we bolup-da bilmez. Tapawut ýöne akyl ýetirilen zat bilen heniz akyl ýetirilmedik zadyň arasynda bardyr; bularyň ikisiniň arasynda aýratyn çäkleriň barlygy baradaky, özlügindäki zadyň hadysalaryň “aňyrsyndadygy” baradaky (I.Kant) ýa-da ol ýa başga bölegine heniz akyl ýetirilmedik, emma bizden daşarda bar bolan dünýä hakyndaky meseleden haýsydyr bir filosofik germew bilen aýrylmagyň mümkindigi we aýrylmak gerekdigi baradaky (D.Ýum) filosofik çypdyrmalaryň bolsa hemmesi biderek zatdyr... sapalakdyr, toslamadyr”.

Düýp mazmun bilen hadysa diňe bir bitewilik däl, belki gapma-garşydyrlar hem, olar hiç wagt biri-birine doly gabat gelmeýärler. Olaryň gapma-garşylyklylygy öz aralarynda dürli gatnaşyklarda ýüze çykyp, özleriniň düýp mazmunyny bildirýän hakykat predmetleriniň içki garşylyklarynyň aňladylmasydyr. Düýp mazmun bilen hadysanyň arasyndaky garşylygyň aýdyň ýüze çykmasy bolup daşky görnüş hyzmat edýär.

Akyl ýetiriş prosesinde pikirlenmegiň esasy ýollary hökmünde *analiz* we *sintez* çykyş edýär. *Analiz* – öwrenilýän bitewi obýekti ony emele getirýän düzüm böleklere pikirde bölmekden ybaratdyr. Şeýle usul zadyň içki gurluşyny anyklamaga, onuň elementleriniň haýsynyň zerurlaýyn we haýsynyň bolsa, tötänleýindigini kesgitlemäge hem-de onuň öz ösüşinde näçe we nähili etaplary geçendigini anyklamaga mümkinçilik berýär. Zatlara hemme taraplaýyn akyl ýetirmek üçin olary dürli tarapdan analiz etmek zerurdyr. Analiziň maksady zadyň bölegine çylşyrymly bitewi zadyň elementi hökmünde akyl ýetirmekdir.

*Sintez* – munuň özi öwrenilýän obýektiň analiz esasynda kesgitlenilen böleklerini, häsiýetlerini, taraplaryny, gatnaşyklaryny pikirde birikdirmäge we zatlary, predmetleri anyk, bitewi görnüşde şöhlelendirmäge gönükdirilen prosesdir. Dialektiki materializm analiziň we sinteziň akyl ýetiriş prosesiniň biri-birini şertlendirýän, biri-biriniň üstüni ýetirýän, üznüksiz baglanyşykly iki sany tarapydygyny subut etdi.

Akyl ýetiriş teoriýasynyň özeninde *tejribe* hem uly orun tutýar. *Tejribe* – diýlip, hakykata duýgulaýyn-empirik taýdan akyl ýetirişiň praktika esaslanmasy esasynda we bilimiň, başarnygyň hem-de endikleriň jemleriniň toplumyna düşünilýär. Filosofiki pikirleriň, garaýyşlaryň we taglymatlaryň ösüş taryhynda empirik we sensualist garaýyş giňden ýaýramaga mümkinçilik alypdy we ol garaýyş tejribäni bilimiň ýalňyz çeşmesi hökmünde düşündirýärdi. XX asyryň filosofiýasynda ylmy taýdan akyl ýetirmegiň çeşmeleri, mümkinçilikleri we serişdeleri babatda tejribäni ilkinji orunda goýýan subýektiw-idealistik konsepsiýalar giňden ýaýrap başlaýar. Dialektiki materializm tejribä obýektiw reallykdan hasyl bolan zat hökmünde garaýar. *“Tejribe”* diýen düşünje öz esasy boýunça praktika, hususan-da eksperiment, syn etme diýen kategoriýalara laýyk gelýär. Olaryň esasynda bolsa, tejribe akyl ýetirişiň netijesi hökmünde döreýär.

*Ten duýgusy* – edil şonuň ýaly hem täsirleri aňşyrmak we aňlamak üçin adamlaryň ygtyýarynda tebigatyň tutuş sistemasy – duýgy organlary bardyr.

Olaryň işiniň netijesi bolsa, ten duýgusydyr (görüş, tagam biliş, syzyş duýgulary we başgalar). Ten duýgusy formasynda adamyň aňynda yşyk we ses yrgyldylary, mehaniki, ýylylyk we himiki täsirler şöhlelenýär. Duýgy organlarynyň bolmagynyň özi hem akyl ýetirmegiň zerur şertidir, emma adam daşky obýektler bilen netijeli işi alyp barmasa, onda olar obýektiw dünýäniň häsiýetleriniň dogry şöhlesini berip bilmeýärler. Ten duýgusyna obýektiw dünýäniň obrazy hökmünde

garap, biz duýgulaýyn obrazlaryň mümkin bolan kemçiliklerini görmedik bolup geçmeýäris. Duýgy organlary diňe bir predmetleriň häsiýetlerini şöhlelendirmäge däl, eýsem olary ýoýmaga hem ukyplydyr.

*Göz öňüne getirme* – biziň aňymyzda obýektiň duýgulaýyn obraz diňe bir şol obýekt biziň öňümizde bolan we duýgy organlarymyza täsir edýän mahalynda däl, eýsem başga halatlarda-da peýda bolup biler.

*“Abstrakt”* diýen termin latynçadan terjime edilende *“howaýy”* diýmegi aňladýar. Bu ýerde şöhlelendirmäniň şol stadiýasynyň iňňän mahsus sypaty aňladylandyr. Duýgulaýyn akyl ýetirişiň özünde howaýylygyň hiç hili pursatlary ýok diýip aýtmak bolmaz. Adam obýekti beýnä ornaşdyranda onuň käbir taraplaryna üns berýändigini, beýleki taraplaryndan, häsiýetlerinden we pursatlaryndan ünsüni sowýandygy bize mälimdir. Bu aýratynlyk göz öňüne getirmede has-da mälimdir. Bu ýerde gaýtalanýan zat eýýäm köp meňzeş obýektlerde aýyl-saýyl bolýar. Şeýle-de bolsa, filosofiýada göz öňüne getirmede umumylaşdyrmak mümkinçiligi çäklidir, çünki munda obrazyň aýdyňlygy saklanýar. Emma welin birentek hadysalary aýdyň göz öňüne getirip bolmajakdygyny welin biz bilýäris.

*Düşünje* – arkaly hakykat obýektlerini barlap we özgerdip, adamlar bir obýekti başgalaryndan tapawutlandyrýarlar, olaryň dürli häsiýetlerini we taraplaryny ýüze çykarýarlar, obýektleriň biri-birine täsir ediş usullarynyň üstüni açýarlar. Adamlar alan maglumatlaryny söz bilen aňladýarlar we diliň kömegi arkaly biri-birine ýetirýärler. Obýektleri, olaryň taraplaryny, häsiýetlerini we gatnaşyklaryny sözleriň kömegi bilen alamatlandyryp, olar düşünjeleri döredýärler. Düşünjäniň özi pikiriň şeýle formasy bolup, onuň kömegi arkaly adam predmetleriň möhüm häsiýetleriniň, alamatlarynyň jemini şöhlelendirýär.

*Induksiýa* – (lat. *inductio* – gönükdirme) munuň özi logiki pikir ýörätmäniň bir görnüşidir. Ol akyl ýetirmäniň bölekleýin zatdan umumy zada, faktlardan teoretiki netijelere tarap hereketi bolup, köp sanly obýektleri öwrenmekde toplanan informasiýany birnäçe täze obýektlere ýaýratmagyň ýoluny aňladýar. Akyl ýetiriş teoriýasynyň induksiýa ugruny ylymda ilki bilen, gadymy grek akyldary *Aristotel* öwrenmäge başlaýar. Soňra induksiýa teoriýasyny iňlis alymlary *Ž.Gerşel, J.S.Mill* ösdüripdirler. Durmuşda hemişe ähli obýektleri gözden geçirmek mümkin däl. Şoňa görä-de induksiýa doly bolman, onuň berýän netijesi hem çylşyrymly ýagdaýda galýar. Induksiýa ähtimallyk bilen ýakyndan baglydyr.

*Deduksiýa* – (lat. *deductio* – netije çykarmak) munuň özi netije çykarmakda umumylykdan bölekleýin zada, predmetleriň toparlaryndan ol topardaky aýry-aýry predmetlere geçişdir. Deduksiýa logiki kanunlar esasynda pikir ýöretmekden netije çykarmak usulydyr. Adamyň dünýä baradaky düşünjeleriniň giňelmegi bilen akyl ýetiriş prosesinde deduksiýanyň tutýan orny hem özgerdi. *Aristotel* deduksiýany mukdary kesgitlemegiň usuly hökmünde garan bolsa, *Dekart* ony pikir ýöretmegiň üsti bilen hakykaty bilmek diýip hasaplapdyr. *Frensis Bekon* deduksiýany doly inkär etse, iňlis logiki-induktiwistleri oňa az-kem kembaha garamak bilen çäklenipdirler. Diňe umumy ugrukdyryjy esaslary hakyky bolan wagtynda deduksiýa özüniň dogry netijelerini berýär.

Filosofiýa ylmynda *ýekeleýin zat, aýratyn zat we ählumumy zat* diýlen düşünjeler bar. Olar dünýäniň dürli-dürli predmetleriniň dialektiki arabaglanyşyklaryny we olaryň biri-biri bilen gatnaşygyny, edil şonuň ýaly-da şol arabaglanyşyklara akyl ýetiriliş derejesini aňladýan filosofik kategoriýalardyr. Hakykat obýektleri biri-birinden özboluşlylygy bilen tapawutlanýarlar. Şonuň üçin hem *obýekt* ýekeleýin zat hökmünde kabul edilýär. Emma tejribe şol obýektlerde gaýtalanyp durýan meňzeş alamatlary ýüze çykarýar. Şeýlelikde, ýekeleýin zat umumy häsiýetlere hem eýedir. Eger-de umumy häsiýetler we alamatlar az sanly obýektler toparyna mahsus bolsa, ol zat aýratyn zatdyr, eger-de ol ähli predmetlere we hadysalara mahsus bolsa, onda ol zat ählumumy zatdyr.

*Obraz* – munuň özi filosofiýada daşky dünýäniň adamyň aňynda şekillendirilmeginiň jemgyýetçilik-taryhy praktikasynyň şertlerinde, mälim bolan sistemalaryň esasynda we görnüşinde ýüze çykýan ideal formasydyr. Akyl ýetirişiň duýgulaýyn jähtinden obraz ten duýgulary, beýnä ornaşdyrma we göz öňüne getirme görnüşinde, logiki pikirlenme derejesinde bolsa düşünje, pikir ýöretme we akyl netijesi görnüşinde öňe çykýar. Obrazyň obýektiw çeşmesi predmetler we maddy dünýäniň hadysalarydyr, şu manyda obraz özüniň hakykylygyna garanyňda ikilenjidir.

*Hakykylyk* – diýlip, adamyň aňynda obýektiw hakykatyň dogry şöhlelenmegi, adama we onuň aňyna garaşsyzlykda özbaşdak ýaşaýan obýektiw hakykatyň öz bolşy ýaly ýadyňa düşürilmegine hem-de göz öňüne getirilmegine aýdylýar. *Hakykylyk problemasy* – munuň özi dialektiki materializmiň akyl ýetiriş teoriýasynyň esasy problemalarynyň biridir. Idealistik filosofiýada hakykylyk ýa pikirlenmäniň öz-özi bilen ylalaşmagy hökmünde, ýa-da adamyň aňyndan daşary "sap pikiriň

dünýäsinde” (obýektiw idealizm) ýaşaýan ebedi ideýa hökmünde düşündirilýär.

Dialektiki materializm obýektiw hakykatdaky bar zatlary dogry şöhlelendirýän garaýyşlary, düşünjeleri, ideýalary we teoriýalary hakyky diýip hasap edýär. Akyl ýetirişiň wezipesi obýektiw hakykylyga ýetmekden, ýagny onuň düýp mazmuny adama-da, adamzada-da bagly bolmadyk bilime ýetmekden ybaratdyr. Doly we kämilleşen formadaky obýektiw hakykylyga *absolýut hakykylyk* diýilýär. Otnositel hakykylygyň özi hakykaty, esasan, dogry şöhlelendirýän, emma doly däl-de, belli çäklerde, kesgitli şertlerde şöhlelendirýän bilimdir. Şol bilim ylmyň ösüş prosesinde anyklaşdyrylýar, üsti ýetirilýär we çuňlaşdyrylýar.

*Absolýut* we *otnositel hakykylyklar* obýektiw hakykylygyň iki pursadydyr. Olar takyklyk, hakykaty şöhlelendirmegiň dolulygy boýunça tapawutlandyrylýar. Absolýut hakykylyk otnositel hakykylyklardan düzülýär, ylmyň ösüşiniň her bir basgançagy absolýut hakykylyga goşant goşýar. Şeýle ýol bilen ylym doly, hemme taraply absolýut bilime baryp ýetýär. Adamyň akyl ýetirişi absolýutdyr, çünki, ol obýektiw hakykaty we predmetleriň dogry şöhlelenmesini bermäge ukyplydyr. Biziň akyl ýetirişimiz üçin çäk ýokdur, akyl ýetirip bolmajak zatlar ýokdur, diňe entek akyl ýetirilmedik, emma ylmyň ösüşiniň barşynda akyl ýetirilip bilinjek zatlar bardyr.

Dünýä akyl ýetirip boljaklygyny inkär edýän *agnostikler* (hakykata akyl ýetirmegiň prinsipial mümkin däldigini ykrar edýän ugruň wekilleri) hakykylygyň ygtybarly ölçeginiň ýokdugyna salgylanýarlar. Birentek filosoflar akyl ýetirişiň hakykylygyň ölçegini göz öňüne getirmeleriň we düşünjeleriň aýdyňlygyndan, olaryň umumy ähmiýetliliginden gözleýärdiler. Adam öz düşünjeleriniň obýektiw hakykylygyny praktika arkaly subut edýär. Praktika käbir ideýalary tassyklap ýa-da ret edip, başga ideýalaryň peýda bolmagy üçin esas bolup hyzmat edýär. Bilimiň ösüşiniň üznüksiz prosesi teoriýa bilen praktikanyň özara baglanyşygy esasynda bolup durýar.

*Ýat* – nerw sistemasynyň esasy häsiýetleriniň biri bolup, adamyň geçmişde toplan tejribesi baradaky informasiýany uzak wagtlaýyn saklamaklyga we ony zerur bolan wagty aňyň hem-de özüňi alyp barşyň sferasyna girizmiklige bolan ukybydyr. Gadymy grek akyldary *Aristoteliň* bellemegine görä, hususy ýat adama-da, haýwana-da mahsusdyr. Emma ýada salmak bolsa, diňe adama degişli bolup, ol edil obrazlaryň gözlenilip tapylyşy ýalydyr we diňe pikir ýöretmäge ukyply

jandarlara häsiýetlidir. Has doly we dogry hakyda getirmäniň düzgünlerini Aristotel derňeýär. Ýadyň erkli we erksiz, hereketli we emosional ýa-da affektiw, obrazly ýa-da söz-logiki görnüşleri bolýar. Ýadyň dürli durmuş meseleleriniň çözülmegine dahylly bolmak bilen ol adamyň motiwleriniň, talaplarynyň, islegleriniň we maksatlarynyň gurluşyna berk baglydyr.

*Ýatda saklama* – munuň özi adam işiniň bir pursady ýa-da özbaşdak, aýratyn formasydyr. Onda geljekki täzeden döreýiş aktynyň ol ýa-da beýleki bir taraplary hasyl bolýar. Ýatda saklama ýadyň esasy komponentleriniň biridir. *Platon* ýatda saklama problemasyny ýaýbaňlanan görnüşde öňe sürüpdir. Ýatda saklamany eksperimental taýdan ilkinji gezek 1885-nji ýylda nemes psihology *G.Ebbingauz* barlapdyr.

Daşarky dünýäniň hadysalarynyň obýektiw häsiýetlerini we baglanyşyklaryny adamynyň beýnisinde aňly şöhlelendirmeklige *pikirlenmek* diýilýär. *Pikirlenme* – munuň özi filosofiýada adamyň akyl ýetirişiniň ýokary derejesi bolan obýektiw hakykaty aýdyň, anyk şöhlelendirmek prosesine düşünilýär. Pikirlenmäniň ýeke-täk çeşmesi duýgy bolsa-da, ol gös-göni duýgulaýyn şöhlelenmäniň çäklerinden geçýär we real dünýäniň adam tarapyndan gös-göni kabul edilip bilinmejek obýektleri, ýagdaýlary barada düşünje almaga mümkinçilik berýär. Pikirlenme akyl ýetirmäniň we logikanyň, psihologiýanyň teoriýasyny öwrenmegiň predmetini düzýär; şeýle hem kibernetikada-da giňden öwrenilýär.

Pikirlenme beýniniň funksiýasydyr we şoňa görä-de ol tebigy prosesdir. Ýöne, jemgyýetçilik praktikasynyň ösüşiniň esasynda dili, düşünjeleri, logikany özleşdiren her bir adam *pikirlenmäniň subýekti* bolýar. Adamyň pikirlenmesiniň öňünde goýýan wezipeleri hem onuň durmuşynyň jemgyýetçilik şertlerinde döreýär. Şeýlelikde, adamyň pikirlenmesi taryhy häsiýete eýe bolýar. Pikirlenme hakyndaky mesele filosofiki pikirleriň taryhynyň dowamynda merkezi problema boldy.

Filosofiýa ylmynda *zehinlilik* diýlip, adamyň haýsy-da bolsa bir ýa-da birnäçe iş görnüşi bilen üstünlikli meşgul bolmagyny üpjün edýän psihik prosesleriň jemine düşünilýär. Adamyň zehininiň ýüze çykmagy we ösmegi üçin jemgyýetçilik gurluşy, tebigat, zähmet, ylym, bilim uly rol oýnaýarlar.

Zehinlilik adamyň *höwesi, islegi we meýli* bilen aýrylmaz baglanyşyklydyr. Zehinlilik *umumy* we *ýörite zehinlilik* diýen iki topara bölünýär. Umumy zehinlilik adamyň köptaraplaýyn ösüşi bilen bagly

bolup, akyl işiniň önümliligi bilen häsiýetlendirilýär. Meselem, adamyň ylma, tehnika, saza, sungata bolan zehini umumy zehinlilige degişlidir. Ýörite zehinlilik adamyň haýsy-da bolsa, bir iş görnüşine bolan has ýokary ukyplylygynda ýüze çykýar. Döredijikde bolsa, zehiniň orny we ähmiýeti örän uludyr. Sebäbi, zehin arkaly adamyň döredijilik dünýäsi açylýar.

## 6-njy tema.
## Sosial filosofiýa we onuň düzümi. Adam, jemgyýet we tebigat.

### M e ý i l n a m a:

1. Sosial filosofiýa. Adam, jemgyýet we tebigat.

2. Jemgyýetiň ykdysady ösüşi hakyndaky maglumat.

3. Jemgyýetiň syýasy sistemasy. Döwletiň düýp mazmuny we onuň funksiýalary.

### E d e b i ý a t:


1. Gurbanguly Berdimuhamedow. Ösüşiň täze belentliklerine tarap. –Aşgabat, 2008.
2. Gurbanguly Berdimuhamedow. Eserler ýygyndysy. –Aşgabat, 2007.
3.Türkmenistanyň Prezidenti Gurbanguly Mälikgulyýewiç Berdimuhamedow (Gysgaça terjimehal). –Aşgabat, 2007.
4. Saparmyrat Türkmenbaşy. Ruhnama. –Aşgabat., 2001.
5. Saparmyrat Türkmenbaşy. Ruhnama (Ikinji kitap). Türkmeniň ruhy beýikligi. –Aşgabat., 2004.
6.Keşikow A.N.,Aýriýans L.I. Filosofiýanyň taryhy (Okuw gollanmasy). - Aşgabat., 1990.
7. Ataýew D., Mollakow W. Materiýa we aň. –Aşgabat., “Ylym”., 1977.
8. Dialektiki we taryhy materializm. –Aşgabat., 1975.
9. Baýarow T.B., Nurlyýew J.N. Filosofiýa, onuň predmeti we jemgyýetdäki roly. –Aşgabat., 1999.
10. Dialektiki we taryhy materializm. –Aşgabat., 1975.
11. Спиркин А.Г. Основы философии. -Москва., 1988.
12. История философии. I, II томах. -Москва., 1957.
13. Философский энциклопедический словарь. -Москва., 1983.
14. Основы философии (Учебник для ВУЗ-ов). -Москва., 1991.
15. Философский словарь. -Москва., 1990.
16. Очерки истории философской и общественно-политической мысли в Туркменистане. –Ашхабад., 1970.
17. Чанышев А.Н. Курс лекции по древней философии. - М, 1981.

Adamlaryň dürli toparlarynyň we gatlaklarynyň köplügi jemgyýetiň sosial strukturasyny (gurluşyny) emele getirýär. Jemgyýetiň düzümine girýän adamlar belli bir alamatlar we häsiýetli aýratynlyklar esasynda bölünýär.

Jemgyýetiň sosial düzüminde synpy gatlaklar diýlip atlandyrylýan toparlar aýratyn tapawutlandyrylýar. Adamlar synpy gatlaklara, esasan, önümçilik serişdelerine (zawodlara, kärhanalara, işçi güýjüne, çig mala we ş.m.) bolan eýeçiligine görä bölünýär.

Jemgyýetiň sosial düzümi jemgyýetiň taryhy ösüşiniň dürli döwürlerinde biri-birlerinden tapawutlydyr. Mysal üçin, size adamzat taryhynyň irki döwürleriniň jemgyýetleriniň gullary we gul eýeleri, feodallar we daýhanlar ýaly synpy gatlaklara bölünenligi we olaryň arasynda dürli görnüşli gapma-garşylykly bolanlygy hakyndaky maglumatlar "ählumumy taryh" we "Türkmenistanyň taryhy" okuw derslerinden bellidir.

Jemgyýet öz aralarynda dürli gatnaşyklarda bolan sosial toparlaryň jemidir. Şeýle gatnaşyklar, öň hem belläp geçişimiz ýaly, ykdysady, syýasy, sosial we ruhy – medeni gatnaşyklar ýaly görnüşlere bölünýär. Jemgyýetiň ykdysady durmuşy öz içine esasan, adamlaryň arasyndaky eýeçilik gatnaşyklaryny we alyş-çalyş gatnaşyklaryny alýar. Jemgyýetiň syýasy durmuşy bolsa, öz gezeginde, syýasy häkimlik bilen baglanyşykly gatnaşyklardan ybaratdyr. Ýeri gelende aýtsak, syýasy häkimiýetiň esasy wezipesi jemgyýeti düzýän sosial toparlaryň bähbitlerini kadalaşdyrmakdan ybaratdyr.

Aslynda, adamlaryň sosial toparlaryň bähbitleri birmeňzeş däldir. Mysal üçin, öz hususy emläginde önümçilik serişdeleri (zawodlary, kärhanalary, söwda merkezleri we ş.m.) bolan adamlaryň esasy bähbidi şol serişdeleri elinde saklamakdan, olary ýerlikli ulanyp, has köp girdeýji almakdan ýagny, öňküden-de baýamakdan ybarat bolsa, gün-güzeranyny zordan aýlap ýören adamlaryň bähbidi, esasan, ertiriniň aladasy bilen baglydyr.

Şu nukdaýnazardan seredeniňde adamlar jemgyýetde dürli orunlary eýeleýärler. Adamlaryň jemgyýetde baýlygyna görä, dürli toparlara, has dogrusy, baý we garyp, agalyk edýän we tabynlykda bolan gatlaklara bölünmegine sosial *differensiýa* (aratapawutly böleklere bölünmek) diýilýär.

Haçanda jemgyýetdäki sosial aratapawudyň has çuňlaşyp, ýitileşen ýagdaýynda ýagny, belli bir toparlaryň barha baýap, tersine, başga bir toparlaryň bolsa, garyplaşyp başlamagy netijesinde, jemgyýetiň dürli

görnüşli sosial konfliktler (dawalar, çözülmedik gapma-garşylyklar) emele gelýär. Şeýle konfliktleriň iň çylşyrymlysy synpy gapma-garşylyklar bolup, olaryň ýitileşmegi käbir taryhy şertlerde sosial rewolýusiýalaryň (düýpli jemgyýetçilik öwrülişikleriniň) bolup geçmegine getirýär.

Mysal üçin, geçen asyryň 1917-nji ýylyň güýzünde patyşa Russiýasynda bolup geçen rewolýusiýa (Beýik Oktýabr rewolýusiýasy) döwlet agdarylyşygy bilen tamamlanyp, syýasy häkimiýet başynda bolşewikler partiýasy duran sowetleriň (işçi-daýhanlaryň häkimiýeti) eline geçdi.

Emma bir zady ýatdan çykarmaly däldiris. Ol hem sosial rewolýusiýalar diýlip atlandyrylýan hadysanyň esasy sebäbi sosial differensiýa däl-de, jemgyýetdäki sosial deňsizlikdir. Adamlaryň jemgyýetde dürli orunlary eýelemegi hakykatda alnanda kanunalaýyklykdyr. Sosial deňlik diňe adamzat taryhynyň has irki döwürlerinde, adamlaryň entek tokaýlarda we gowaklarda bir uly maşgala ýaly bolup ýaşan zamanlarynda bolupdyr. Bir taýpanyň agzalary özleriniň bileleşip çöplän ir-iýmişlerini, awlan haýwanlarynyň etini bileleşip paýlaşýan ekenler. Emma soňra welin, eýýäm eýeçiligiň döremegi, zähmet bölünişiginiň ýüze çykmagy, alyş-çalyş gatnaşyklarynyň döremegi ýaly sebäpler jemgyýetiň dürli gatlaklara – barlylara we ýoksullara bölünmegine getiripdir. Sosial deňsizlik gadymy eýýamlardan bäri adamzat jemgyýetiniň iň häsiýetli aýratynlyklarynyň biridir.

Jemgyýetiň düzümine girýän adamlaryň hemmesiniň durmuş derejesini doly we gutarnykly deňleşdirmek, ýagny birmeňzeş etmek, ummasyz kyn mesele. Emma muňa garamazdan, adamzat jemgyýeti ömürboýy sosial deňsizligi aradan aýyrmak arzuwy bilen ýaşap gelipdir. Bu arzuw ertekä kybapdaş sosial taslamalarda, dürli ylmy garaýyşlarda we nazaryýetlerde öz beýanyny tapypdyr. Olaryň iş ýüzünde ulanylanlary hem bardyr.

Her bir adam jemgyýetde ýaşyna, bilimine, hünärine, eýeleýän wezipesine, gazanan abraýyna (sungatda, ylymda, edebi döredijilikde we ş.m.) görä belli bir orny eýeleýär. Mahlasy, adam öz ornuna laýyklykda ýaşaýarlar, hukuklardan peýdalanýarlar, özüniň jemgyýetiň öňündäki borçlaryny we wezipelerini ýerine ýetirýär.

Adam bilen tebigatyň arabaglanyşygy jemgyýeti öwrenýän ylymlaryň iň wajyp meseleleriniň biridir. XX asyryň ortalaryna çenli olaryň arasyndaky hakyky baglanyşygy aňmaklyk bir taraply häsiýete

eýedi. Adamzat tebigy baýlyklary gutarnyksyz we mydamalyk hasap edip, ondan alyp bilenini alyp, onuň gorlaryny gaýgyrman ulanypdy. Öňler adam tebigatyň gözelliginden lezzet alyp, ony söýmeklige çalşyp, tebigat bilen özara sazlaşykly gatnaşykda bolupdyr. Emma şonda-da adamyň ýaşaýşy üçin tebigatyň ähmiýeti baradaky düşünje doly kesgitlenilip bilinmändir. Bu gün adam bilen tebigatyň arabaglanyşygy baradaky meseläniň çözgüdi adamzadyň gelejegini kesgitleýän örän ýiti meselä öwrüldi.

Adam bilen tebigatyň arabaglanyşygynyň taryhy görnüşine garap geçeliň. Adamzat ýaşaýşynyň başlangyjynda şindi jemgyýetiň güýjüniň çäkli we onuň örän ýöntem maddy esaslary bolan ýagdaýynda adamlar tebigatyň ägirt uly we kämil güýçdügini adalatly belläpdirler. Gündogaryň we Günbataryň akyldarlary tebigata adamyň döreýşiniň we ýaşaýşynyň esasy şerti hökmünde garapdyrlar. Tebigatyň sazlaşygy adamlary buýsandyryp, hemme ugurlarda oňa meňzemeklik islegini döredipdir. Adam tebigata akyl ýetirip, onuň bilen sazlaşykly ýaşamagy arzuw edipdir. Tebigatyň adamyň we jemgyýetiň ýaşaýşynyň tebigy esasyny döredýänligi sebäpli, olaryň arabaglanyşygyny ylmy taýdan öwrenmek we bu gatnaşyklary kadalaşdyrýan sagdyn kadalary işläp düzmek adamzadyň ýaşaýşynyň dowamlylygy bilen bagly bolýar.

Tebigatdan daşarda adam ýaşamaýar we ýaşap bilmeýär. Hatda kosmosda, kosmiki orbital stansiýalarda hem adamlar tebigatyň gaýtadan işlenip bejerilen baýlyklaryny ulanýarlar. Umuman, tebigat we kosmos öz gezeginde adamsyz ýaşap bilýärler. Olar adama we onuň hereketine mätäç bolmaýarlar. Köp milliard ýyllaryň dowamynda hem şeýle bolupdyr. Şu hili arabaglanyşygy jemgyýetiň tebigata baglylygynyň ilkinji sebäbini oňlamaklyk häzirki döwrüň gaýragoýulmasyz zerurlygydyr.

Maddy önümçiligiň we jemgyýetiň ýaşaýşynyň tebigata baglylygy öz gezeginde adam hereketine belli bir çäklendirmeleri girizýär. Olar ilki bilen jemgyýetiň tebigata öz ýaşaýyş hereketinde edýän täsiriniň paýhasly aňlanylan we oňlanyşykly bolmaklygy bilen bagly bolýar. Bu ýerde geljekde jemgyýetçilik sagdynlygynyň kepilnamasy bolan “zelel ýetirme” diýen ýörelge kesgitleýji bolmaly.

Adam bilen tebigatyň arabaglanyşygynyň meselelerini “geografiki gurşaw”, “daşary gurşaw”, “biosfera”, “noosfera” düşünjeleriniň many-mazmunyny we olaryň özara täsirini bilmezden düşündirip bolmaýar.

*Biosfera* – ähli jandarlaryň hereket edýän gurşawy bolýar. Ol özüne ähli janly organizmleri we olaryň ýaşaýan gurşawyny alýar.

*Noosfera* düşünjesi fransuz alymy *Şarden (1881-1955)* we rus akademigi *Wernadskiý (1863-1945)* tarapyndan esaslandyrylypdyr we ylma girizilipdir. Şonda ol adam paýhasynyň dünýäni düýpli üýtgetmeklik mümkinçiliklerini, adamyň tebigata täsiriniň geljegini, olaryň özara baglanyşygyny çalt, az pursatda sazlaşdyrmagyň ýollaryny öwrenipdir. Bu alymlaryň noosfera meselesine garaýyşlary biosferanyň we bütin planetanyň ösüşiniň täze derejesini aňladýar.

XX asyrda adamyň we jemgyýetiň tebigata garşy durmaklaryny aradan aýryp, “tebigatyň strategiýasyny” we “adamyň strategiýasyny” ylalaşdyrýan, olaryň sazlaşygyny gazanmak meýilleri döreýär. Bu örän wajyp işi amal etmeklige biziň döwrümizde berkeýän “maglumat jemgyýeti” täze mümkinçilikleri döredýär.

7-nji tema.
# Ykdysady filosofiýa

M e ý i l n a m a:

1. Pikirlenmäniň filosofiki-ykdysady keşbi.

2. Eýeçilik we onuň mazmuny. Eýeçilik sosial gatnaşyklaryň formasy hökmünde.

3. Sosial-ykdysady dolandyryşyň düýp mazmuny we düzüm bölekleri.

E d e b i ý a t:


1. Gurbanguly Berdimuhamedow. Ösüşiň täze belentliklerine tarap. –Aşgabat, 2008.
2. Gurbanguly Berdimuhamedow. Eserler ýygyndysy. –Aşgabat, 2007.
3.Türkmenistanyň Prezidenti Gurbanguly Mälikgulyýewiç Berdimuhamedow (Gysgaça terjimehal). –Aşgabat, 2007.
4. Saparmyrat Türkmenbaşy. Ruhnama. –Aşgabat., 2001.
5. Saparmyrat Türkmenbaşy. Ruhnama (Ikinji kitap). Türkmeniň ruhy beýikligi. –Aşgabat., 2004.
6.Keşikow A.N.,Aýriýans L.I. Filosofiýanyň taryhy (Okuw gollanmasy). - Aşgabat., 1990.
7. Ataýew D., Mollakow W. Materiýa we aň. –Aşgabat., “Ylym”., 1977.
8. Dialektiki we taryhy materializm. –Aşgabat., 1975.
9. Baýarow T.B., Nurlyýew J.N. Filosofiýa, onuň predmeti we jemgyýetdäki roly. –Aşgabat., 1999.
10. Dialektiki we taryhy materializm. –Aşgabat., 1975.
11. Спиркин А.Г. Основы философии. -Москва., 1988.
12. История философии. I, II томах. -Москва., 1957.
13. Философский энциклопедический словарь. -Москва., 1983.
14. Основы философии (Учебник для ВУЗ-ов). -Москва., 1991.
15. Философский словарь. -Москва., 1990.
16. Очерки истории философской и общественно-политической мысли в Туркменистане. –Ашхабад., 1970.
17. Чанышев А.Н. Курс лекции по древней философии. - М, 1981.

Jemgyýetçilik ylymlary biri-bilen aýrylmaz baglanyşyklydyr. Olar filosofiýa, sosiologiýa ylymlaryna degişlidir. Sebäbi, bu ylymlar jemgyýeti umumy, has giňişleýin öwrenýän ylymlardyr. Mysal üçin, ykdysadyýet nazaryýeti esasan, jemgyýetiň ykdysady gurluşynyň hadysalaryny öwrenýär. Hukugy öwreniş ylmy jemgyýeti düzýän adamlaryň, sosial toparlaryň, döwlet edaralarynyň biri-birleriniň arasyndaky hukuk gatnaşyklarynyň esaslaryny öwrenýär. Sosiologiýa ylmy jemgyýetdäki dürli görnüşli gatnaşyklary umumylykda, biri-birleri bilen arabaglanyşykda öwrenýär. Filosofiýa ylmy bolsa, jemgyýetiň döreýşiniň we taryhy ösüşiniň, onuň çägindäki gatnaşyklaryň umumy kanunlaryny we esasy sebäplerini açmaklyk bilen meşgullanýarlar. Mysal üçin, zähmet we söwda gatnaşyklary jemgyýetçilik durmuşynyň ykdysady ulgamynyň çäginde bolup geçýär. Raýatlaryň we sosial toparlaryň döwlet bilen arasyndaky gatnaşyklary ýa-da olaryň hukuk meseleleri bilen baglanyşykly gatnaşyklary jemgyýetçilik durmuşynyň syýasy ulgamynyň çäginde bolup geçýär.

Jemgyýetçilik durmuşynyň iň wajyp ugurlarynyň biri-de *ykdysadyýetdir.* Ykdysadyýet düşünjesiniň giň manysy bardyr. Biz ykdysadyýet diýenimizde kärhanalaryň işleýşini, dürli maddy önümleriniň öndürilişini, maliýe meselelerini, halk hojalygynyň pudaklaryny, pul-haryt aýlanyşygyny we ş.m. birnäçe meseleleri göz öňünde tutýarys. Jemgyýetde ýaşaýan her bir adam ykdysady durmuş bilen aýrylmaz baglanyşyklydyr.

Aslynda aýtsak, ykdysady ulgamyň adamlaryň durmuşyndaky orny örän uludyr. Şeýlelikde, jemläp aýtsak, ykdysadyýet nazaryýeti esasan, jemgyýetiň ykdysady durmuşynyň hadysalaryny we proseslerini öwrenýär. Jemgyýetçilik durmuşynyň iň wajyp ugurlarynyň biri-de ykdysadyýetdir. Jemgyýetde ýaşaýan her bir adam ykdysady durmuş bilen aýrylmaz baglanyşyklydyr. Ondan üzňe ýaşap bilmez.

Adamlar gündelik durmuşynda dürli görnüşdäki maddy we ruhy gymmatlyklardan peýdalanýarlar. Ol bolsa adamzat jemgyýetiniň ýaşaýşynyň iň bir möhüm aýratynlyklarynyň biridir. Olary öwrenmek bolsa ykdysadyýet bilen gönüden-göni baglydyr.

*“Ykdysadyýet”* diýen düşünjäniň birnäçe kesgitlemeleri bardyr. Häzirki döwürde bolsa, ol iki manyda, ýagny, ylym we hojalyk manylarynda ulanylýarlar. Ykdysadyýet ylym manysynda alnanda önümçilikde we dolanyşykda adamlaryň arasynda emele gelýän gatnaşyklary öwrenýän ylmyň adydyr.

Ykdysadyýet ylmynyň esasy düşünjeleriniň biri-de *jemgyýetçilik önümçilidir.* Adam bu ýerde öndüriji we sarp ediji roluny berjaý edýär. Bu ylmy nazaryýet taýdan alanyňda önümçilik gatnaşyklarynyň sistemasyny aýdyňlaşdyrýar. Olary öwrenmek bolsa ykdysadyýet ylmynyň esasy wezipesidir. Ykdysadyýet ylmy özüniň döreýiş taryhyny örän gadymy döwürden alyp gaýdýar. Ykdysadyýet müňýyllyklaryň dowamynda ýönekeý ykdysady pikirlerden ykdysady nazaryýet derejesine çenli ýetýär. Ykdysadyýetiň ylym hökmünde kemala gelmegi XVI – XVII asyrlara degişlidir. Ol şol döwürlerden bäri dowam edip gelýär. Ykdysadyýet ylmy jemgyýete örän uly peýda getirýän ylymdyr. Çünki, ol jemgyýetiň iň derwaýys we iň wajyp tarapyny, adamlaryň ýaşaýşy üçin iň zerur bolan tarapyny ykdysady durmuşyny öwrenýär.

Jemgyýetiň ykdysady durmuşynda ylmy-tehniki progres adamzat jemgyýetiniň ösüşi tarapyndan şertlendirilen zerurlykdyr. Ol ylmyň, tehnikanyň, sosial progresiň ösüşi bilen baglanyşykly halkara hadysasydyr. Fizikada, biologiýada, matematikada, himiýada bolan uly açyşlar radioelektronikanyň, kibernetikanyň, EHM-leriň döremegi, adamzadyň kosmos giňişliklerine aralaşmagy önümçiligiň düýp esasyna, şahsyýetiň önümçilikde tutýan ornuna üzül-kesil özgertmeler girizmäge giň mümkinçilikler döretdi. Ylmyň gös-göni öndüriji güýje öwrülmegi, onuň jemgyýetde ykdysady we sosial işiň möhüm sferasyna öwrülmegi bilen häsiýetlenýär. Ol zähmetiň häsiýetini we tehnologik mazmuny döredijilik elementleri bilen baýlaşdyrýar, akyl zähmeti bilen fiziki zähmetiň, şäher bilen obanyň arasyndaky düýpli tapawutlaryň aradan aýrylmagy üçin maddy tehniki esasy döredýär.

## Gadymy Hindistanda we Hytaýda filosofik pikirleriň ösüşiniň taryhy

Gadymy Hindistanda filosofik pikirleriň ösüşiniň taryhy has gadymy döwürlerden, biziň eramyzdan ozalky II müňýyllygyň ahyrlaryndan – I müňýyllygyň başyndan başlanýar. Gadymy ýurtlaryň beýlekilerinde bolşy ýaly, Hindistanda-da *materializm* hindi medeniýetiniň ýazuw ýüzündäki iňňän gadymy ýadygärligi bolan Wedalarda beýan edilen dini dünýägaraýşa garşy göreşde emele gelipdir. *Wedalar* (munuň özi, bilim, aýratynam keramatly bilim manysynda) – giminleriň, aýatlaryň, gurban beriş dessurlarynyň ýygyndylarydyr. Wedalaryň iň ilkinjileriniň – “Rigwedalaryň” (Giminler wedasynyň) – emele gelen döwri biziň eramyzdan ozalky XV asyra degişlidir.

Birinji müň ýylyň başky asyrlarynda (has takygy, b.e.öň VIII asyrda) Wedalara düşündirişler – Upanişadalar (syrly taglymatlar) emele gelip, şularyň özi-de, ýaňy döräp başlan hindi filosofiýasynyň ilkinji ýadygärlikleriniň biri bolup durýar. Şu taglymatlarda dünýägaraýyş meseleleriniň dini taýdan düşündirilmesi bilen birlikde dini dogmatlaryň we dessurlaryň tankytlanmasy-da ýazylypdyr, älemiň bolşy; ýaşaýşyň emele gelşi, ruhuň tebigaty, dünýä akyl ýetirmek hakyndaky meseleler gozgalypdyr we şol meseleleriň ýadygärlikleriniň arasynda “Mahabharata” we “Ramaýana” diýen gadymy hindi epiki eserleri hem bar.

Biziň eramyzdan ozalky VIII-VII asyrlarda Hindistanda materialistik filosofik ugur bolan *lokaýata* (diňe şu dünýäni – lokany ykrar edýän adamlaryň garaýyşlary) emele gelipdir. Lokaýatynyň has ösen akymy *çarwak filosofiýasy* bolupdyr (“çar” - dört, “wak” – söz diýmekdir).

Çarwaklar diýlip, dünýä dört sany esasy maddy elementden: ýerden, suwdan, howadan we otdan ybarat diýip hasap eden filosoflara at berlipdir. Çarwaklary öňe süren pikirlerine görä, älemdäki dürli zatlaryň we hadysalaryň emele gelmek hem-de ýok bolup gitmek baradaky hemme prosesleri tebigatdan daşary hiç hili esasa mätäç bolan, ebedi dowam edýän ýeriň, suwuň, howanyň we onuň birikmegi ýa-da dargamagy bolup durýar. Çarwaklaryň nygtamaklaryna görä, aň maddy elementleriň aýratyn häsiýetidir. Jisimsiz ruhy barlyk ýokdur.

Çarwaklar bu dünýä akyl ýetirmek hakyndaky meseläni-de materialistik düzgünde çözýär ekenler, emma olar bilimleriň ýalňyz bir çeşmesi diýip, beýnä ornaşdyrmagy hasap edip, akyl ýetirmek

prosesinde abstrakatlaýyn pikirlenmäniň roluna welin kembaha garapdyrlar.

Gadymy Hindistanda çarwaklar filosofiýasynyň höküm süren wagtlarynda idealizmde peýda bolup, ony buddizm ýaly meşhur mekdep ýöredipdir. Buddizm nukdaýnazaryndan garanyňda, dünýäniň özi jepalar kysmaty bolup, bu jepalary keýpi-sapalardan el çekmek ýoly bilen, özüňde adama mahsus hemme zady basyp ýatyrmak ýoly bilen ýok etmek bolar. Çarwaklaryň öňe süren şol taglymaty diňe bir Hindistanda däl, eýsem Gadymy Gündogaryň beýleki ýurtlarynda-da dini we idealistik dünýägaraýyşlaryň garşysyna göreşde ägirt uly ähmiýete eýe bolupdyr.

Iňňän irki we has gadymy siwilizlenen medeniýetleriň biri-de, hytaý halkynyň medeniýetidir. Tebigatyň özakymlaýyn güýçlerine garşy göreş, hojalygy ösdürmegiň derwaýys möhüm meselelerini çözmek işi gadymy Hytaýda tehniki oýlap tapyşlary döredipdir, matematika, mehanika, medisina, astronomiýa barada ilkinji ylmy bilimleriň peýda bolmagyna ýol açypdyr. Eýýäm biziň eramyzdan ozalky VII-VI asyrlarda gadymy Hytaýda döwlet derejesinde kuwwatly şalyklar, imperiýalar döräp başlaýar. Halkyň zähmet işi esasynda emele gelen ylmy bilimler materialistik dünýägaraýşyň döremegine we ösmegine kömek edipdir. Tebigata materialistik düşünmegiň has irki formasy dünýäniň bäş sany ilkinji elementi: ot, suw, ýer, agaç we metal hakyndaky düşünjeler bolup, bu düşünje biziň eramyzdan ozalky birinji müň ýylyň başynda emele gelipdir.

Gurşap alýan bu dünýäniň tebigy kanunalaýyk hereketi hakyndaky ideýa *daosizm filosofiýasynda* has doly ösüp ýetişipdir, bu filosofiýanyň düýbüni tutan adam *Lao-szy* (biziň eramyzdan ozalky VI asyr) hasap edilýär. Hemme zatlar tebigy ýoluň – dao (ýol, kanun) täsiri astynda özleriniň gapma-garşylygyna geçýärler: doly däl zat doly zada, egri zat göni zada, içi boş zat, içi doldurylan zada, köne zat täze zada öwrülýär.

Çarwaklaryň aýdýanynyň tersine, olar akyl ýetirmek prosesinde duýgularyň roluna kembaha garapdyrlar: adamyň işi dao akyl ýetirmäge we şoňa köre-kör eýermäge syrygýar diýipdirler.

*Dao* – göze görünmeýän, ten bilen syzylmaýan zat we oňa diňe pähim akyl ýetirýär diýipdirler. Gadymy Hytaýda materialistik pikiriň güýçli ösmegine soňra giňden ýaýran dini-idealistik taglymatlaryň biri bolan *konfusiçylyk* garşy goýlupdyr (munuň özi biziň eramyzdan ozalky VI asyrda ýaşan legendar, parasatly adam bolan *Kun-szynyň* adyndan gelip çykýan sözdür). Konfusiçylar ruhlara, o dünýä ynanmagy

ündäpdirler, garyplardan – “hudaýyň buýrugyna” we öz hojaýynlarynyň hökümlerine tabyn bolmagy talap edipdirler.

Konfusiçylaryň taglymatyna düýpli garşy çykyş eden, gadymy Hytaýyň iňňän uly akyldarlarynyň biri-de *Mo-szy* (Mo Di, biziň eramyzdan ozalky 479-381 ýý) hem-de onuň tarapdarlary bolan moistler konfusiçylyga garşy batyr hem-de üzül-kesil göreş alyp barypdyrlar. Moistler akyl ýetirmekligiň ajaýyp teoriýasyny döredipdirler, özleriniň mugallymynyň görkezen rasional elementlerini mistiki bardadan esasan, dyndarypdyrlar we şol elementleri sada materializm pozisiýalarynda durup ösdüripdirler. *Ýan-Çžu* (takm, b.e.öň 395-335 ýý töweregi) diýen uly materialist filosof konfusiçylaryň taglymatyna üzül-kesil garşy çykypdyr. Ol bizi gurşap durýan dünýä tebigatyndan daşary hiç hili güýçlere garaşsyz hut öz kanunlary boýunça ýaşaýar we ösýär diýip subut etmäge jan edipdir.

Gadymy Hytaýyň iň görnükli akyldary *Wan-çunuň* hem taglymaty materialistik we özakymlaýyn – dialektiki mazmuna ýugrulan taglymat bolupdyr.

Şeýlelik bilen, baryp Gadymy Gündogaryň ýurtlarynda-da materialistik we özakymlaýyn – dialektiki garaýyşlar emele gelip hem ösüp, bu garaýyşlar dini-mistiki we idealistik idealaryň garşysyna gazaply göreşiň barşynda kämilleşip gelipdir.

Gadymy Gersiýada we Rimde filosofik pikirleriň ösüşiniň taryhy

Biziň eramyzdan öňki VI asyrdan başlap, filosofiýanyň merkezi antik Gresiýa bolýar, bu ýurt bolsa, şol döwürde has ösen gul eýeçilik gurluşynyň ýurdy bolupdyr. Gadymy grek materializminiň emele gelmeginiň esasy merkezleri Ioniýanyň Milet we Efes diýen polisleri bolupdyr. Grekleriň ilkinji materialistleri bir bütewi zat hökmünde dünýäniň nämedigine düşünmäge synanyşypdyrlar we aslyýetini aýdanyňda, *naturfilosofik garaýyşlary* kemala getiripdirler we ösdüripdirler. Olaryň materializmi sada materializm bolupdyr, dialektikasy bolsa, özakymlaýyn bolupdyr. Ioniýa akyldarlary has gadymy dünýägaraýyş bolan Gomeriň we Gesiodyň dünýägaraýşyna daýanyp, ony mifologik formadan saplapdyrlar we özleriniň zamanynyň ylmy pikirlenmesiniň başlangyçlaryna laýyklykda, täzeden işläpdirler. Olar tebigaty synaýjylar bolup, tebigat hadysalaryny ýönekeý synlamak metodyny ulanyp, dünýäniň bütewi maddy esasynyň bardygyny ykrar edip, tebigatyň köp tüýsli hadysalarynyň hemmesini şol esasdan getirp çykarypdyrlar. Meselem, Milet mekdebinden bolan ilkinji grek materialistleri tebigatyň, durmuşyň ilkinji başlangyjyny: olardan

*Fales* (b.e.öň 624-547 ýý) – gadymy grek filosofy, antik filosofiýasynyň we ylmynyň düýbüni tutyjy, milet mekdebini esaslandyryjy. Ol Gündogaryň birnäçe ýurtlaryna syýahat edýär, müsürli din ulamalarynyňkyda okap, bilim alýar. Falesiň pikirine görä, hemme zat suwdan döreýär we ahyrky netijede ýene-de suwa öwrülýär. Ol b.e.öň 585-nji ýyldaky gün tutulmasyny hem öňünden bilipdir. *Anaksimandr* –(b.e.öň 610-546 ýý) apeýron (hil taýdan kesgitsiz madda) diýip, hasap etse, *Anaksimen* – (b.e.öň 585-525 ýý) howa diýip hasap edipdir.

Miletçiler zat we şol zat hakyndaky düşünjeler biri-birinden aýrylmazdyr diýip hasap edipdirler. Biziň eramyzdan öňki VI asyryň II ýarymy gadymy Gresiýada synpy göreşiň has-da ýitileşmegi bilen häsiýetlenýär, bu bolsa ideologiýada has anyk mälim bolýar. Aristokratiýa bilen gul eýeçilik demokratiýasynyň arasyndaky ýiti syýasy göreş şertlerinde Pifagor filosofiýasy emele gelip, şu filosofiýanyň düýbüni tutan *Pifagor* (b.e.öň 580-500 ýý) diýen akyldar Günorta Italiýanyň Kroton şäherinde dini-filosofiki soýuzy (birleşmäni) gurapdyr. Pifagorizm özüniň dowam etmeginiň 200 ýylynyň içinde Ioniýa mekdebinden başlap, platonizmiň (ol antik filosofiýasynyň idealistik ugry bolup, Platonyň taglymatyna esaslandyrylan ugurdyr) iň

hakyky idealizmine çenli filosofiýanyň hemme öwüşginlerini geçipdir. Pifagoryň esaslandyran mekdebi antiki ylymyň we filosofiýanyň ösmeginde uly rol oýnapdyr.

Başga bir şahyr we filosof *Ksenofan* (b.e.öň 565-473 ýý) öz öňe süren filosofiki taglymatlarynda tebigatda döreýän hadysalara aýratyn üns beripdir. Umuman, pifagorçylaryň ugry matematik bolansoňlar, tebigat hadysalarynyň mukdar esasyny barlamaga synanyşyp, Ioniýa akyldarlarynyň materializmini düýpli ret edipdirler we bütin barlagyň iňňän möhüm sebäbi diýip, çäksiz we kesgitsiz materiýany kesgitleýän başlangyç diýip hasap edipdirler.

Gadymy Gresiýada biziň eramyzdan öňki V asyrda, has takygy, b.e.öň 500-449-njy ýyllarda bolup geçen grek-pars uruşlaryndan soň, ýurtda uly ykdysady we medeni ösüşler bolup geçýär. Bu döwürde astronomiýa, fizika, matematika, biologiýa, oratorlyk (dilewarlyk sungaty) ýaly ylymlar bilen bir hatarda filosofiýa ylmy hem täze belentliklere çykypdyr. Ilkibaşky gadymy grek materializminiň iň meşhur wekili Efes şäherinden bolan *Geraklit* (b.e.öň 544-475 ýý) bolupdyr. Tebigatynyň hemme hadysalarynyň bitewi we ählumumy esasy diýip, Geraklit ody hasap edipdir. Geraklit tebigat hadysalarynyň ählumumy aýlanşygynyň esasy sebäbini oduň üýtgemeleridir diýip, düşündiripdir. Tebigatyň ýer-suw-howa-ot tertibindäki tirkeşikli gidýän ugruna Geraklit “ýokary tarap ýol” diýip, munuň tersine tarap ugra – “aşak tarap ýol” diýip at beripdir. Geraklitiň taglymatyna görä, bütin dünýä hereket etmek we üýtgemek ýagdaýyndadyr.

Aň we onuň materiýa hakyndaky meseläni Geraklit materialistik düzgünde çözüpdir. Ol aňyň ikinji bir zatdygyny ykrar edipdir. Emma Geraklitiň pikirine görä, aň maddadyr, ol oduň ýagdaýlarynyň biridir. Akyl ýetirmek teoriýasynda bolsa ol tebigata akyl ýetirmekligiň esasysy – duýgulardyr diýip tassyklapdyr. “Pikirlenme – beýik mertebedir we parasatlylyk hakyky zady aýtmakdan we tebigatyň sözüne gulak salyp, oňa akyla jaý suratda depreşmekden ybaratdyr” diýip, Geraklit ýazypdyr.

Antiki materialistik filosofiýa gadymy grekleriň gul eýeçilik jemgyýetiniň ykdysady, syýasy we medeni durmuşynyň rowaçlanan eýýamynda (biziň eramyzdan öňki 460-370-nji ýyllar töweregi) ýaşan beýik gadymy grek ensiklopedisti we materialisti *Demokritiň* döredijiliginiň ösüşinde täze belentliklere ýetipdir. Demokrit ýaşlykda dünýäniň gadymy ýurtlaryna, Müsüre, Hindistana, Wawiloniýa syýahat edipdir. Ol Afiny şäherinde belli filosof Sokrat bilen hem ýakyn

aragatnaşykda bolýar, ýöne Demokrit onuň filosofiki pikirleri bilen asla ylalaşmandyr.

Bar bolan hemme zat maddanyň, materiýanyň iňňän owunjak, bölünmeýän bölejiklerinden – atomlaryndan ybaratdyr diýip, Demokrit hasap edipdir. Atomlar üýtgewsizdir we hil taýdan bir kysymlydyr. Demokrit akyl ýetirmek teoriýasynda-da materiýalistik ýoly ýöredipdir, bu teoriýanyň esasy bolsa, onuň gelip çykma teoriýasydyr. Ol duýgulaýyn beýnä ornaşdyrylýan jisimler öz-özlüginde obýektiw dowam edýärler diýmekden ugur alypdyr. "...Ten duýgusy we pikirlenme daşardan obrazlaryň gelýändikleri sebäpli emele gelýär" diýip hasap edipdir. Akyl ýetirmegiň has inçe görnüşi – "hakyky" akyl ýetirme paýhas arkaly amala aşyrylýar. Demokrit töwerekdäki hakykata akyl ýetirmegiň mümkindigine pugta ynanypdyr we dünýä akyl ýetirmegiň ylmy metodlaryny (usullaryny) işläp düzüpdir. Gadymy Gresiýada ilkinji bolup Demokrit "Logika hakynda" atly uly göwrümli eserini ýazýar. Görnükli akyldar, filosof Aristotel hem özüniň "Metafizika" diýen işinde Demokritiň öňe süren filosofiki pikirleridir garaýyşlaryna örän uly sarpa goýupdyr.

Atomistik materializminiň soňraky döwürlerde baýlaşdyrylmagy ozaly bilen, gadymy Gresiýanyň görnükli akyldary – *Epikuryň* (b.e.öňki 341-270 ýý) hem-de gadymy Rimiň akyldary – *Tit Lukresiý Karyň* (b.e.öňki 99-55 ýý) ady bilen aýrylmaz baglanyşyklydyr.

Epikur we Tit Lukresiý Kar Demokritiň atomistik teoriýasyna doly goşulypdyrlar we olary öz taglymatlarynda döredijilikli ösdüripdirler. Demokritden tapawutlylykda, Epikur boşlukda atomlarynyň hereketiniň üç tüýsli bolmagyny ykrar edipdir. Epikur progressiw etiki garaýyşlaryň düýbüni tutujydyr. Tit Lukresiý Kar bolsa, filosofiýa ylmynda ilkinjileriň hatarynda materiýanyň saklanmagynyň kanuny hakyndaky genial ýorgudy aýdyp, atomlaryň mukdary üýtgewsizdir diýip tassyklapdyr. Lukresiniň giňişlige we wagta bolan garaýyşlary ylmyň taryhy üçin örän gyzykly garaýyşlar bolup durýar. Çünki, giňişligi we wagty ol zatlaryň dowam etmeginiň zatlar bilen aýrylmaz baglanyşykly obýektiw formalary hökmünde häsiýetlendiripdir.

Gadymy beýik grek akyldary, Ýewropa filosofiýasynda obýektiw idealizmiň düýbüni tutan *Platon* (b.e.öňki 427-347 ýý) materialistik filosofiýanyň kanynlaryna we materialistik ylma düýpli garşy çykypdyr. Ol gündogar halklarynyň arasynda *Eflatun* ady bilen bellidir. Platonyň atasy Afinynyň soňky şasy Kodranyň urugyndan bolupdyr. Biziň eramyzdan öňki 387-nji ýylda ol Afiny şäherinde özüniň

Akademiýasyny esaslandyrýar. Filosofiýa ylmynyň taryhynda Platon özboluşly pikir ýörediji, genial, öňdengörüji, ylymlaryň ählisinden oňat baş çykarýan beýik akyldar hökmünde tanalýar. Platon filosofiýada obýektiw-realistik ugry esaslandyrýar. Ol 30-dan gowrak filosofik dialoglaryň, eserleriň *(“Sofist”, “Parmenid”, “Politik”, “Döwlet”)* awtorydyr. Materializmiň täsirini gowşatmaga jan edip, Platon materianyň ilkinjiligi hakyndaky garaýyşlara ideýalaryň ilkinjiligi hakyndaky filosofiki taglymatlary garşy goýup, ideýalar adamlara we bütin dünýä garaşsyz ýaşaýarlar diýip hasap edipdir.

Platonyň öňe süren taglymatyna görä, duýgular arkaly beýnä gündelik ornaşdyrylýan, zatlaryň dünýäsi hakyndaky barlyk dünýäsi däl-de, ebedilik, üýtgewsiz, özbaşdak ýaşaýan ruhy barlyklaryň, ideýalaryň dünýäsidir. Onuň pikiriçe, haýsy hem bolsa, bir filosofik problema garalanda, garşylykly pikirleri biri-birine garşy goýmak zerurdyr. Platonyň idealary asyrlarboýy däp bolup gelýän platonizmiň esasy başlangyjy boldy.

Häzirki zaman filosofiýasynyň esasy ugurlary

M e ý i l n a m a:

I. Häzirki zaman filosofiýa ylmynda pikirleriň ösüşiniň esasy ugurlary *(Eksiztensializm. Pragmatizm. Emprizm).*

II. Instrumentalizm. Neotomizm. Teopozitiwizm. Logiki semantika.

III. Fenomenalizm. Struktualizm. Postmodernizm. Germenewtika.

E d e b i ý a t:


1. Gurbanguly Berdimuhamedow. Ösüşiň täze belentliklerine tarap. –Aşgabat, 2008.
2. Gurbanguly Berdimuhamedow. Eserler ýygyndysy. –Aşgabat, 2007.
3.Türkmenistanyň Prezidenti Gurbanguly Mälikgulyýewiç Berdimuhamedow (Gysgaça terjimehal). –Aşgabat, 2007.
4. Saparmyrat Türkmenbaşy. Ruhnama. –Aşgabat., 2001.
5. Saparmyrat Türkmenbaşy. Ruhnama (Ikinji kitap). Türkmeniň ruhy beýikligi. –Aşgabat., 2004.
6.Keşikow A.N.,Aýriýans L.I. Filosofiýanyň taryhy (Okuw gollanmasy). - Aşgabat., 1990.
7. Ataýew D., Mollakow W. Materiýa we aň. –Aşgabat., “Ylym”., 1977.
8. Dialektiki we taryhy materializm. –Aşgabat., 1975.
9. Baýarow T.B., Nurlyýew J.N. Filosofiýa, onuň predmeti we jemgyýetdäki roly. –Aşgabat., 1999.
10. Dialektiki we taryhy materializm. –Aşgabat., 1975.
11. Спиркин А.Г. Основы философии. -Москва., 1988.
12. История философии. I, II томах. -Москва., 1957.
13. Философский энциклопедический словарь. -Москва., 1983.
14. Основы философии (Учебник для ВУЗ-ов). -Москва., 1991.
15. Философский словарь. -Москва., 1990.
16. Очерки истории философской и общественно-политической мысли в Туркменистане. –Ашхабад, 1970.
17. Чанышев А.Н. Курс лекций по древней философии. - М, 1981.

Adamzat jemgyýetiniň öňe gidişliklerinde XX asyrda filosofiýa ylmy özüniň ösüşinde täze belentliklerine çykdy. XX asyryň filosofiýasynyň we onuň ugurlarynyň, esasy pikirleriniň ösüşi özüniň örän çylşyrymlylygy we köptaraplylygy bilen düýpli tapawutlanýar. Filosofiýa ylmy öz ösüşinde taryhyň dürli-dürli döwürlerinde birnäçe özara jedelli meseleleriň jümmüşinde boldy we bu ýagdaý onuň barha kämilleşmegine oňaýly şertleri döretdi. XIX – XX asyrlarda bu göreşler filosofiýany özbaşdak ylym hökmünde kabul etmeklige syrygypdy. Adamzada kesgitli ugurlary we ýollary görkezmekde filosofiýa ylmy bilen meşgullanýan alymlar üçin bolsa, bu kär, hünär bolup galdy.

XX asyryň II ýarymynda filosofiýanyň çygry has-da giňäp, ösüp-örňäp gitdi, indi ol adamzat ýaşaýşynyň sferasyna (giňişliklerine) düýpli aralaşdy. Filosofiýanyň birnäçe uly hem-de çylşyrymly akymlary döredi. Bu ylym bilen ýörite meşgullanýan filosof alymlar, wekiller öz pikirleridir öňe sürýän meseleleri hakynda birnäçe eserleri, işleri döretdiler we döredýärler. Häzir öňki SSSR-iň düzümine giren ýurtlar özbaşdak ösüş ýoluna düşdüler. Netijede, XX asyrda dünýä ýüzünde ençeme täze pikirli, ideýaly filosoflaryň birgiden nesli ösüp ýetişdi.

*Antiseitizm* – bu ugruň wekilleri ylmyň jemgyýetiň durmuşyna täsiriniň barlygyna esasy ynam bildiripdirler. Awstriýaly alym *Lýudwig Witteýnşteýniň* bellemegine görä, *“...Materializm we idealizm entek filosofiýa däldir”.* Häzir dünýäde giňden ýaýran filosofiki pikirleriň klassifikasiýasy esasan, idealizm bilen materializmiň gapma-garşylygynda däl-de, eýsem, materializm bilen idealizmiň özara aratapawudynyň deňeşdirilmeginden we kesgitli netijeleri çykarmakdan ybaratdyr.

*Eksiztensializm* – munuň özi *“eksistentia”* latyn sözi bolup, ol *“ýaşamak”* diýen manyny berýär. Ol täze döwürde ýüze çykan filosofiki ugur bolup, bu ugruň wekilleri adamyň ömrüni hem, adam jemgyýetini hem unikal hasapdyrlar. Eksiztensialistleriň öz ruhy dünýägaraýşy bar, olar ylmy pikirlerden kesgitli tapawutlanýarlar. Görnükli eksiztensialistler *Martin Haýdegger, Karl Ýaspers,* nemes filosoflary *Alber Kamyý, Gabriel Marsel* we beýlekiler üçin bu dünýä asla gyzyksyz görnüpdir. Şonuň üçin hem olar bu dünýä obýektiw seredip bilmekden daşdadyrlar. Olar adamlaryň pikirlenmek we öwrenmek problematikasyna üns bermän, adamyň emosiýasyny öwrenmek işi bilen meşgul bolupdyrlar. Olaryň döwri birinji Jahan urşy döwrüne döwürdeş tä, ikinji Jahan urşuna çenli bütin Ýewropa ýurtlarynyň adamlarynyň durmuşynyň kyn döwürlerinde bolup geçipdir.

Eksiztensializm akymynyň özeninde adamyň dünýä bilen aragatnaşygy hakyndaky dürli-dürli meseleler durýar. Eksiztensializm erkinlige ýüzleý düşünýär, olar hiç hili kanuna degişli bolmaýarlar. Bu akymdan ugur alsaň, filosofiýanyň öňünde ilkinji nobatda, ylmyň wezipeleri we meseleleri durman, eýsem, adamyň ýaşaýyş we durmuş meseleleri durmaly we jemgyýet hut şu meseleleri çözmekligiň aladasynda bolmaly. Olaryň pikiriçe, adamlaryň ykbaly kynçylykly ýagdaýda bolup, bu durmuşyň özi düşnüksiz hem-de çylşyrymly bolup görnüpdir. Entek eksiztensializmiň ýok mahalynda, onuň ilkinji pikirleridir garaýyşlary *postmodernizm* akymynda äşgär duýlupdyr.

*Pragmatizm* – bu akym filosofiýanyň ösüşiniň amerikan akymydyr.*"Pragma"* sözi grekleriň *"pragmatos"* diýen sözünden gelip çykyp, ýagny ol *"iş", "işlemek"* diýen manyny berýär. Munuň özi XX asyrda amerikalylar tarapyndan has işjeň ösüşe eýe bolan akymdyr. Ol düşünjeleriň we ideýalaryň ähmiýetini, hakykata laýyklygyny olaryň peýdalylygy taýyndan kesgitleýär. Pragmatizm üçin hakykatyň kriterisi onuň obýektiw reallyga laýyklygy däl-de, eýsem peýdalylygydyr. Pragmatizmiň esasy taglymatlary amerikan filosoflary *Ç.Pirs* (XIX asyr), *U.Jems* we *J.Dýui* (XX asyr) tarapyndan beýan edildi. Pragmatizmiň subýektiw-idealistik esaslara daýanýan dürli-dürli görnüşleri bar. Olaryň arasynda has giň ýaýrany bolsa *"instrumentalizmdir"* (J.Dýui).

Pragmatizm hem, mahizm ýaly, özüni materializmdenem, idealizmdenem "ýokary" duran täze bir filosofik ugur hökmünde görkezjek bolýar. Emma hakykat ýüzünde pragmatizm subýektiw-idealistik filosofiýanyň bir görnüşidir. Edil *J.Berkli, E.Mah* we *R.Awenarius* ýaly *Jems* hem özüniň *"Pragmatizm"* (1907 ý.) diýen işinde materiýany biziň reňki, gatylygy we ş.m. zatlary kabul edýän duýgymyz hökmünde, düşünjeleri we ideýalary bolsa şol "duýgular akymyny" düşündirmegiň her hili usuly hökmünde kesgitleýär. Pragmatizmiň akyl ýetiriş teoriýasy hem ideýalistik duýga ýugrulandyr.

Pragmatizmiň esasy prinsipi – bilimiň, ylmyň tejribede özleşdirilişini göz öňünde tutýar. Belli filosof *U.Džeýmisiň* filosofiki eserlerinde bellenilişi ýaly, bu filosofiki jedelli meseleleriň esasy özenini teoriýalaryň tejribelerde özleşdirilişi tutýar. Pragmatizm - munuň özi obýektiw düşünje däldir, eýsem-de ol subýektiw düşünjedir. Sebäbi, ylymda, tehnologiýada gazanylan oňyn tejribeler ideýalary işe ornaşdyrmak bilen bir hatarda jemgyýetiň adamlarynyň ýaşaýyş-durmuş şertlerini düýpli gowlandyrmaklyga tarap hereket etmelidir. Diýmek, bu

diňe bir günüň ýa-da bir ýylyň işi däldir, ol tutuş döwrüň, adamzadyň amala aşyrmaly wajyp işleridir.

*Emprizim – (“empeiria”* diýen grek sözünden gelip çykyp, ol *tejribe* diýen manyny berýär). Empirizm rasionalizm akymynyň tersine, bilimleriň fundamenti onuň düýp mazmuny ten duýgularydyr we beýnä ornaşdyrmalardyr diýip hasaplaýar. Empirizmiň wekilleriniň pikiriçe, diňe tejribe arkaly bilimleri almak hem-de esaslandyrmak bolar. Bu akymyň oňyn tarapy akyl ýetiriş teoriýasynda sensualizmden ugur almaga, duýgulaýyn akyl ýetirişi jikme-jik barlamaga synanyşygyndan ybaratdyr. Ol duýgulaýyn akyl ýetirişi has çişirmek, oňa hetdenaşa baha bermek bilen teoretiki pikirlenmä kembaha garaýar, logiki pikirlenme özüniň hili boýunça ten duýgularyndan we beýnä ornaşdyrmalardan tapawutlanmaýar.

Empirizm täze zamanda döräp, uly taryhy ewolýusiýany başdan geçirdi. Materialistik empirizm *(F.Bekon, T.Gobbs, J.Lokk, XVIII asyr fransuz materialistleri)* duýgulaýyn tejribäniň çeşmesi obýektiw dünýä diýip hasaplaýar. Bu ugruň tarapdarlary duýgunyň üstünden hemme zady öwrenmeli diýip düşünipdirler. Logiki emprizmiň tarapdarlary bolan *E.Berkli, D.Ýum, Awenarius, Bogdanowyň* pikiriçe, ähli zatlar duýgynyň üstünden bilinmän, bar bolan obýektiw dünýäniň üstünden bilinýär. Emprizmiň wekilleri bilimi akyldan hasaplaman, eýsem, usullardan we tärlerden hasaplapdyrlar. Olaryň pikiriçe, ilkinji orunda duýgy, ylym-bilim bolsa, ikinji orunda durýar. Diýmek, olar işjeň pikirlenmä üns bermeýärler. Şonuň üçin hem filosofiýa ylmynyň wekilleri olary metafiziki pikirli adamlar diýip hasap eýärler. Materialistik empirizmden tapawutlylykda, idealistik empirizm tejribäni ten duýgularynyň we göz öňüne getirmeleriniň mehaniki jemine, akyl ýetiriş prosesini empiriki faktlaryň ulgamlaşdyrylmagyna we beýan edilmegine syrygýar. Bu ugur tejribäniň çeşmesiniň obýektiw dünýädigini inkär edýär.

*Fenomenalizm* – täze döwürde ýüze çykan filosofiki akym bolup, bu akymyň tarapdarlary bu dünýäniň gurluşyny duýgy arkaly öwrenmeli diýip aýdýarlar. Wagtyň geçmegi bilen fenomenalizm öz manysy, gurluşy boýunça subýektiw idealizme ýakynlaşýar. Emma filosofiýa ylmynda dialektiki idealistleriň düşündirişlerine görä, adamyň dünýä düşünmegi we öwrenmegi soňra praktikanyň üsti bilen amala aşyrylýar.

*Instrumentalizm* – bu subýektiw-idealistik amerikan akymy bolup, munuň gözbaşynda amerikaly alym *Dýui* durupdyr. Bu akym pragmatizmiň bir görnüşi bolup, ony esaslandyryjynyň pikirine görä,

subýektiň, obýektiň we anyk faktyň hemmesi usullaryň, tärleriň içinde ýerleşýär. Instrumentalizm hakdaky düşünjelere, garaýyşlara döwrüň esasy özeni hökmünde seredipdir. Bu ugruň tarapdarlary döwrüň, jemgyýetiň gazanan üstünliklerine kän bir üns bermän, eýsem, olar jemgyýetiň ösüş prosesine üns berýärler.

*Postmodernizm* – XX asyryň 60-njy ýyllarynda ýüze çykyp, bu akymyň gözbaşynda duranlar *J.Derrida we M.Fuko* öz filosofiki işlerinde, taglymatlarynda jemgyýetiň ösüşinde yzygiderliligi saklamaklygy inkär edýärler.

Postmodernizm irrasionalizm akymynyň kämilleşen görnüşidir. Munuň özi eksiztensializmi hem-de freýdizmi özüne birleşdirýär. Freýdizm medeniýetiň, döredijilik prosesiniň we tutuş jemgyýetiň hadysalaryň döreýşini awstriýaly psihiatr we psiholog *Zigmund Freýdiň* (1856-1939 ýý) taglymaty arkaly düşündirmäge synanyşýan dürli akymlaryň umumy atlandyrylyşydyr. Ol öz ösüşinde psihologiýa, psihiatriýa we lingwistika ýaly ylymlara daýanýar. Freýdizm psihoanaliziň prinsiplerini uniwersal hasaplamak bilen şahsyýetiň we jemgyýetiň kanunlaryny diňe psihologik taýdan düşündirmekçi bolýar. Freýdizm birinji Jahan urşundan soň giň gerim alýar. Postmodernistler jemgyýetde öňki ýeten derejelerden ýüz öwrüp, täze ugry – özbaşdak ösüşiň ýollaryny agtarýarlar, gözleýärler. Emma, ylym bu ugruň kesgitsizdigini görkezdi. Ýöne, bu häzirki zaman filosofiýasynda belli bir derejede özleşdirilmeli ugurlaryň biri bolup galýar.

*Neotomizm* – dini filosofiýanyň esasy akymy bolup, belli filosof *Foma Akwinskiniň* ady bilen aýrylmaz baglanyşyklydyr. Bu akym günbatar Ýewropanyň katoliki dini ynançly ýurtlarynda has giňden ýaýrandyr. Neotomizm akymy orta asyrlar döwründen başlap, filosofiýanyň ösüşiniň soňraky döwürlerini tankyt astyna alýar. Bu ugruň tarapdarlarynyň öňe sürýän pikirlerine görä, durmuşy bolşy ýaly kabul etmeli däl hem-de oňat durmuş üçin göreşmegiň zerurlygy ýok diýip hasap edýärler. Dünýäniň esasyny we özenini bolsa – din tutýar. Dini akymyň iň ýokary düzgünleriniň biri-de, arassa durmuşdyr, ýaşaýyşdyr, material durmuş bolsa, ikinji basgançakda durýar.

*Germenewtika* – bu filosofiýanyň aýratyn özboluşly bir akymydyr. Ol germenewtika akymy *Germes* diýen grek hudaýynyň adyndan gelip çykyp, soňky döwürlerde ýüze çykan ugurdyr. Germenewtikanyň düşündirişine görä, bu durmuşyň esasy gymmatlylygy – adamlaryň biri-biri bilen aragatnaşygydyr.

Germenewtikanyň görnükli wekilleri *E.Betti, G.Gadamer, M.Landman* bolup, onuň esasy metody gumanitar ylymlary, medeni-taryhy situasiýany adamyň durmuş-ýaşaýyş şertlerini öwrenmeklige bagyş etmekdir. Bu akymyň wekilleriniň öňünde diliň ösüşini barha kämilleşdirmek esasy mesele hökmünde keserip durýar. Bu akymyň wezipeleri nemes alymlary *T.Şleýermaheriň* we *W.Dilteýanyň* öňe süren taglymatlarynda giňişleýin berlip, olaryň nygtaýşyna görä, taryhy ýazgylary öwrenmeklik üçin şol taryhy-medeni döwre aralaşyp, şol döwrüň taryhçy alymlarynyň dünýägaraýyşlaryna oňat düşünmelidir.

*Gadameriň* belleýşine görä, germenewtika – bu tüýs filosofiýanyň esasydyr. Filosofiýa predmeti germenewtika ugry boýunça adamzadyň ruhy dünýäsidir, onuň biri-biri bilen aragatnaşygydyr. Şol gündelik durmuşda her bir adamyň dünýäsinde medeni we ylmy baýlyklar döreýär diýip hasaplanýar. Geçen asyryň ikinji Jahan urşundan (1939-1945 ýý) soň, dünýä döwletleriniň arasynda birek-birege düşünmeklik esasynda ylalaşykly gatnaşyklary saklamak we alyp barmak ilkinji orundaky mesele bolup durdy. Bu bolsa, filosofiýa ylmynyň ösüşinde birnäçe täze akymlarydyr ideýalary, ugurlary döretmek zerurlygyny ýüze çykardy.

*Struktualizm* – XIX asyryň 60-70-nji ýyllarynda pragmatizmiň, neopozitiwizmiň, eksiztensializmiň ähmiýetiniň barha pese gaçan döwründe olaryň ornuna filosofiýanyň arenasyna (sahnasyna) struktualizm äşgär öňe çykýar. Bu akymyň döremeginiň esasy maksady hem ýüze çykýan dürli-dürli meseleleri gutarnykly çözmek hem-de şol döwrüň ykdysady pese gaçyşlyklarynyň (krizisleriniň) soňuna çykmakdan ybaratdyr. Struktualizmiň görnükli wekilleri *M.Fuko, Lakan, Lewi Stross* bolup, XX asyryň 40-njy ýyllarynda bu ugur ilki dil bilimine, soňra bolsa, eýýäm edebiýata, etnografiýa hem-de syýasaty öwreniş ylmyna giňden ornaşdyryldy. Lewi Stross bu metody mifologiýada peýdalanyp, her halkyň, milletiň mifologiýa hakdaky garaýyşlarynyň meňzeşliklerini we aýratynlyklaryny derňäp, şeýle netijä gelýär: mifiki we ylmy pikirlenme logiki we formal taýdan birdir.

Jemgyýetiň ruhy-medeni durmuşy

M e ý i l n a m a:

1. Jemgyýetçilik aňynyň düýp mazmuny we manysy.

2. Syýasy aň. Hukuk, ahlak, estetiki we ylmy aň.

3. Medeniýet filosofiýasy.

4. Filosofiýa jemgyýetçilik aňynyň bir formasy hökmünde.

E d e b i ý a t:


1. Gurbanguly Berdimuhamedow. Ösüşiň täze belentliklerine tarap. –Aşgabat, 2008.
2. Gurbanguly Berdimuhamedow. Eserler ýygyndysy. –Aşgabat, 2007.
3.Türkmenistanyň Prezidenti Gurbanguly Mälikgulyýewiç Berdimuhamedow (Gysgaça terjimehal). –Aşgabat, 2007.
4. Saparmyrat Türkmenbaşy. Ruhnama. –Aşgabat., 2001.
5. Saparmyrat Türkmenbaşy. Ruhnama (Ikinji kitap). Türkmeniň ruhy beýikligi. –Aşgabat., 2004.
6. Ataýew D., Mollakow W. Materiýa we aň. –Aşgabat., “Ylym”., 1977.
7. Baýramsähedow N. Gündogaryň beýik danalary. –Aşgabat., 1992.
8. Спиркин А.Ф. Основы философии. -Москва., 1988.
9. История философии. I, II томах. -Москва., 1957.
10. Философский энциклопедицеский словарь. -Москва., 1983.
11. Основы философии. (Учебник для ВУЗ-ов). -Москва., 1991.
12. Философский словарь. -Москва., 1990.
13. Очерки истории философский и общественно-политической мысли в Туркменистане. –Ашхабад, 1970.
14. Чанышев А.Н. Курс лекций по древней философии. - Москва., 1981.

Islendik ylmyň ösüşi ylymdar adamlaryň, akyldarlaryň, alymlaryň öňe sürýän pelsepewi taglymatlarynyň we kesgitli ideal garaýyşlarynyň köpdürlüliligine berk baglydyr. Sebäbi, ylym özüniň taryhy ösüşinde köp sanly we gapma-garşylykly pikirleriň binýadynda kemala gelýär we ösýär. Filosofiýa ylmynda bolsa, *jemgyýetiň ruhy-medeni durmuşy meselesi* özüniň çylşyrymlylygy bilen düýpli tapawutlanýar. Ol ilkinji nobatda, şol jemgyýetde ýaşaýan raýatlaryň syýasy düşünjeliligini artdyrmakdan we ýokarlandyrmakdan, olaryň ahlak, estetika, hukuk taýyndan bilimliligini hem-de etiki özüni alyp barşynyň ýokary intellektual, siwilizlenen medeniýetliligini kemala getirmekden ybaratdyr. Jemgyýetiň ruhy durmuşynyň çäginde adamlaryň gurşap alan bu dünýä bolan özüçe garaýyşlary we düşünişleri onuň ruhy dünýäsini kesgitleýär.

*Ruhy durmuş* – adamyň we jemgyýetiň taryhy ösüşinde progressiw ähmiýete eýedir, sebäbi, onuň gurşap alýan dünýäsinde adamyň "işjeňligi" kemala gelýär. Işjeň, tutanýerli adam bolsa, döwletiň we jemgyýetiň esasy hökmünde çykyş edýär. Filosofiýa ylmynda *jemgyýetçilik aňy* diýen düşünje hem bar. Bu düşünje örän köptaraplaýyn we çuň many-mazmuny özünde jemleýän düşünjedir.

*Jemgyýetçilik aňy* – munuň özi jemgyýetiň maddy we ruhy durmuşyny, onuň jemgyýetçilik gatnaşyklarynyň bütin ulgamyny beýan edip görkezýän ideallaryň, teoriýalaryň, garaýyşlaryň we meýilleriň jeminden ybaratdyr. Jemgyýetçilik aňy jemgyýetçilik durmuşynyň döremegi hem-de ösmegi bilen bilelikde kemala gelýär we ösýär. Jemgyýetçilik aňy şahsyýetleriň köpçülikleýin ideýalarynyň bitewi bir toplumyny öz içine alýar. Şol öňe sürülýän ideýalar, taglymatlar bolsa, jemgyýetiň ruhy durmuşynyň iýmitidir. Filosofik pikirleriň ösüşiniň uzak taryhynyň dowamynda bolsa, jemgyýetçilik aňynyň şu aşakdaky formalary döredi.

Jemgyýetçilik aňynyň formalaryna:

*1. Syýasy we hukuk ideologiýasy*

*2. Moral (ahlak)*

*3. Ylym*

*4. Sungat*

*5. Din*

*6. Filosofiki aň* degişlidir.

Jemgyýetçilik aňyny kemala getirmekde döwletiň köpçülikleýin habar beriş serişdeleri hem möhüm orny eýeleýär. Sebäbi, olar jemgyýetiň ýaşamagynyň we onuň dowam etmeginiň esasy özeni hökmünde çykyş edýärler. Jemgyýetçilik aňynyň her bir formasynyň hem öwrenýän predmeti, maksady we öz öňünde goýýan wezipeleri bolýar. Jemgyýetçilik gurluşy, ilki bilen döwlet we sosial gatnaşyklaryny düzgünleşdirýän kanunlaryň sistemasy *syýasy ideologiýa* bilen *hukuk ideologiýasynyň* predmeti bolup durýar. Şahsyýetiň ýaşaýan jemgyýetinde onuň beýleki adamlar bilen alyp barýan gatnaşyklary *moralyň predmeti* bolup durýar.

Jemgyýetçilik aňynyň formalary özleriniň jemgyýetçilik hadysalarynyň sistemasynda tutýan orny we eýeleýän ýagdaýy boýunça hem düýpli tapawutlanýarlar. Jemgyýetçilik aňy, aýratyn hem *ideologiýa* taryhy prosesiň işjeň güýji bolup durýar. Ylymda ideologiýa diýlip, döwletiň raýatlarynyň belli bir maksada gönükdirilen progressiw işlerini amala aşyrmaklyga ugrykdyrýan kesgitli aňyýete, bitewi taglymlaryň toplumyna düşünilýär. Adamzadyň progressiw ösmeginde gazanylýan üstünlikler bolsa, jemgyýete öňdebaryjy ideýalaryň näderejede giňden täsir edýändigine köp derejelerde baglydyr.

*Ahlak aňy* – jemgyýetçilik aňynyň bir formasy bolup, ol adamlaryň özlerini alyp barşynyň taryhy taýdan emele gelen prinsipleriniň (düzgünleriniň) we normalarynyň (kadalarynyň) jemidir. Munuň özi jemgyýetçilik progresiniň möhüm bir tarapyny aňladýan, ahlak durmuşy, onuň ösüşini we bu ösüşiň obýektiw esasyny şöhlelendirýän giň hem-de çylşyrymly etiki düşünjedir. Ahlak düşünjesi jemgyýetiň ösüş kanunlaryny görkezýär, emma ol gös-göni ol kanunlardan gelip çykman, ony her dürli ideýalaryň kömegi bilen (ýagşylyk, adalatlylyk, wyždan, bagt, borç we ş.m.) şöhlelendirýär. Filosofiýa ylmynda “ahlak” we “ahlaklylyk” düşünjesi bolsa, *etika* ylmy bilen aýrylmaz baglanyşdyrylýar we bu ylym bilen bilelikde öwrenilýär.

*Etika* – (grekleriň *ethika, ethikos* sözünden gelip çykyp, ol ahlak ynamyny aňlatmak, *ethos* – endik, adat diýen manyny berýär) – ahlagy adamzat durmuşynyň, jemgyýetçilik aňynyň örän möhüm tarapy hökmünde öwrenýän ylymdyr. Etika jemgyýetçilik gatnaşyklarynyň arasynda ahlagyň tutýan ornuny anyklaşdyrýar, onuň tebigatyna analiz

berýär, adamzat taryhynda ahlagyň gelip çykyşyny, ösüşini öwrenýär we belli bir ahlak ulgamyny teoretiki taýdan esaslandyrýar.

Gadymy grek we rim halklarynyň filosofiýasynda etiki we estetiki aňyň kemala gelmekliginiň ilkinji prosesi jemgyýetiň raýatlarynyň syýasy düşünjeliliginiň artdyrylmagy bilen ýola goýlupdyr.

*Sosial psihologiýa* – bu adamlaryň sosial toparlara girýänligi hem-de şol toparlaryň psihologik häsiýeti bilen şertlenýän özüni alyp baryşlarynyň we işleriniň kanunalaýyklyklaryny öwrenýän ylymdyr. Sosial psihologiýanyň esasy maksady jemgyýetçilik gatnaşyklaryny dolandyrmagy kämilleşdirmekdir. Sosial psihologiýada eksperiment bilen birlikde soramak, syn etmek we baha bermek ýaly sosiologiýada ulanylýan metodlar hem peýdalanylýar.

Filosofiýada *hukuk aňy* hakynda düşünjeleri bermezden ozal, ilki bilen hukugyň nämedigine ünsi çekeliň. *Hukuk* – ählumumy hökmany özüňi alyp barşyň döwlet tarapyndan bellenilen ýa-da tassyklanylan normalarynyň jemidir. Olary berjaý etmek bolsa döwletiň täsir ediş çäreleri arkaly üpjün edilýär. Hukuk düzgüni bolsa, hereket edýän hukuk esasynda ýüze çykýan jemgyýetçilik gatnaşyklarynyň ulgamydyr.

*Hukuk filosofiýasy* – munuň özi hukuk döwletiniň döremegi, onuň gurluşy barasyndaky has umumy teoretiki (nazaryýet) we dünýägaraýyş problemalary hakyndaky meseleleri öwrenýän ylym bolup, ol uzak wagtyň dowamynda filosofiýa ulgamlarynyň düzüm bölegi hökmünde çykyş edýär. Sebäbi, hukuk döwletinde kanun ähli zadyň gözbaşydyr we çeşmesidir. Hukuk filosofiýasynyň käbir meseleleri antiki filosofiýada öwrenilýär *(Sokrat, Platon, Aristotel)*. Hukuk filosofiýasy Magaryf filosofiýasynda (tebigy hukuk taglymaty) we nemes klassyky filosofiýasynda *(Gegel)* aýratyn uly orun tutýar.

*Hukuk aňy* – adamlaryň hukuga, kanunçylyga garaýyşlaryny aňladýan garaýyşlaryň, ideýalaryň jemi bolup, olaryň bir zadyň kanunylygy ýa-da bikanunlygy hakyndaky düşünjelerini hem öz içine alýar. Hukuk aňy jemgyýetçilik aňynyň esasy formalarynyň biridir. Belli bir sosial (durmuşy) we ylmy nukdaýnazarlara esaslanýan hukuk ideologiýasy, hukuk garaýyşlarynyň ulgamy tutuş hukuk aňyny aňladýar. Hukuk aňy jemgyýetçilik aňynyň beýleki formalary, öňi bilen bolsa *syýasy aň* bilen berk baglanyşyklydyr. Belli bir adamlaryň hukuk aňynyň häsiýeti öňi bilen olaryň sosial ýagdaýy we syýasy ugurlary bilen kesgitlenýär. Hukuk aňy *ahlak* bilen hem berk baglanyşyklydyr.

Filosofiki pikirleriň we taglymatlaryň ösüş taryhynda hukuk taglymatyny esaslandyran gadymy rim akyldary, öz döwrüniň görnükli

syýasy işgäri, meşhur orator *Mark Tulliý Siseron* (b.e.öňki 106-43 ýý) bolupdyr. Siseronyň filosofiki we hukuk idealy – jemgyýetiň bähbidine, dünýäniň kada-kanunlarynyň ähli talaplaryna laýyk gelýän, adamlaryň bagtly durmuşda ýaşamaklygyny üpjün edýän, edil şonuň ýaly-da, adamlaryň hem döwletiň öňünde ýerine ýetirmeli kanunçylyk namalaryny düzgünleşdirýän kadalaryň işlenilip taýýarlanylmagynyň tarapdary bolupdyr. Gadymy döwürlerde dünýäniň antiki ýurtlarynda, Gresiýada we Rimde döwleti berkerar etmekde hem-de dolandyrmakda Siseronyň öňe süren bu hukuk taglymatlary örän uly ähmiýete eýe bolupdyr. Hukuk döwleti, onuň kanunçylyk namalary hakynda öňe sürülýän filosofiki, syýasy taglymatlarda Türkmenistanyň Prezidenti Gurbanguly Berdimuhamedowyň parasatly nygtaýşy ýaly, *"Hukuk döwletinde kanun hökmürowan bolmalydyr, şahsyýetiň erkinliginiň derejesi bolsa onuň jogapkärçiligine we borjuna deň gelmelidir".*

*Sungatyň filosofiýasy* – bu jemgyýetçilik aňynyň spesifik formasy bolup, medeniýetiň möhüm elementiniň filosofiki garaýyşlarynyň jemidir. *Sungat* hakykaty obrazly şekillendirýär, ynsan aňyna, duýgusyna şol bir wagtyň özünde emosional täsirini ýetirýär. Progressiw sungat hemişe jemgyýetiň maddy we ruhy baýlygyny dörediji halk köpçüligi bilen aýrylmaz baglanyşykda bolupdyr we ösüpdir. Döwür bilen bilelikde ösýän sungatyň şahsyýeti kemala getirmekdäki roly, funksiýasy hem barha artmak bilen bolýar.

*Estetika* ( grekçe *"aishetikos" – duýýan, duýgy* ) – iki sany özara baglanyşykly hadysany – adamyň dünýä bolan möhüm gatnaşygynyň spesifik ýüze çykmasy hökmünde estetik çägi hem-de adamlaryň çeperçilik işini öwrenýän filosofiki ylymdyr. Estetikanyň bu bölümleriniň mynasybeti onuň taryhynyň bütin dowamynda üýtgäp durupdyr we olara estetikany "gözelligiň filosofiýasyna" syrykdyrmaga edilýän synanyşykdan "sungatyň filosofiýasy" hökmünde teswirlenilmegine çenli dürlüçe düşünilýär. Estetikany estetik baýlyklaryň teoriýasy, estetik kabul ediş teoriýasy, sungatyň umumy teoriýasy ýaly birnäçe özbaşdak ylmy predmetlere bölmek telim gezek teklip edilýär. Emma real dünýäniň estetik baýlygynyň we ony çeperçilik taýdan özleşdirmegiň berk baglanyşykdadygyny, olary biri-birinden bölüp aýyrmagyň mümkin däldigini tejribeler görkezdi. Şeýlelikde, estetikanyň bu iki sany esasy bölümi özara organiki baglanyşyklydyr hem-de olar otnositel özbaşdaklyga eýedirler.

Adamzat jemgyýetiniň ösüşinde *estetiki aň* möhüm orna eýedir. Sebäbi, islendik ýurduň, milletiň, jemgyýetiň ösüşi raýatlarda estetiki

terbiýäniň we estetiki aňynyň kemala getirip, terbiýeläp bilşine berk baglydyr. Munuň özi, adamlarda hakykata bolan estetiki garaýyşlary kemala getirmegiň anyk maksada gönükdirilen prosesidir. Bu garaýyş adamzat jemgyýetiniň döremegi bilen bilelikde ösüp, adamlaryň maddy hem ruhy işlerinde has aýdyň ýüze çykýar. Ol adamlaryň durmuşdaky gözelligi duýup hem-de ondan lezzet alyp bilmekleri we adamyň estetik döredijiligi bilen baglanyşyklydyr. Durmuş gözelligi estetiki aňyň serişdesidir hem-de netijesidir. Gözellik sungatda, çeper edebiýatda jemlenendir, ol tebigat, adamlaryň jemgyýetçilik we zähmet işleri, olaryň durmuşy, özara gatnaşyklary bilen aýrylmaz baglanyşyklydyr. Filosofiýa ylmynda estetiki aňyň üsti bilen jemgyýetiň adamlaryny terbiýelemekligiň möhüm ähmiýeti bar.